*Mämmedowa Ýaňyl*



# Buhgalter hasabynyň esaslary

**AŞGABAT-2009**

**MAZMUNY**

1. **Hojalyk hasaby barada düşünje we onuň görnüşleri……………………......3**

2. **Buhgalter hasabynyň wezipeleri……………………………………………...6**

3. **Buhgalter hasabynyň dersi barada düşünje……………………………………7**

4. **Buhgalter hasabynynyň usullary………………………………………………..9**

5. **Buhgalter balansy barada umumy düşünje……………………………………11**

6. **Hojalyk amaly we onuň balansa edýän täsiri………………………………...14**

7. **Buhgalter hasaplary barada düşünje, olaryň görnüşleri we gurluşlary…16**

8. **Hasaplarda iki taraplaýyn ýazgy, analitik we sintetik hasaplar, dolanşyk wedomosty……………………………………………………………………18**

9. **Hasaplaryň düzümi we maksady boýunça toparlanyşlary………………21**

10. **Hasaplar meýilnamasy, ähmiýeti we onuň bölümleri……………………23**

11. **Hojalyk hadysalary, görnüşleri we olaryň buhgalter hasaby……………24**

12. **Buhgalter hasabynyň resminamalary we olaryň topara bölünişi………..28**

13. **Tükelleme barada düşünje we onuň gelip çykyşy…………………………31**

14. **Hasap belliknamalary barada düşünje we olaryň ähmiýeti………………35**

15. **Buhgalter hasabynyň ýöredilişiniň görnüşleri……………………………37**

16. **Maliýe hasabaty: ähmiýeti we görnüşleri…………………………………41**

17. **Maliýe hasabatyny düzmekligiň we tassyklamaklygyň tertibi…………...54**

## *Tema №1: «Hojalyk hasaby barada düşünje we onuň görnüşleri»*

1. ***Hojalyk hasabynyň gelip çykyşy***
2. ***Hojalyk hasabynyň görnüşleri***
3. ***Hojalyk hasabynda ulanylýan ölçegler***
4. ***Hojalyk hasabynda bildirilýän talaplar***

Her bir jemgyýetçilik ösüşiniň esasynda maddy gymmatlygyň önümçiligi durýar. Adamzat durmuşynyň başynda öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin hökman maddy gymmatlyklary döretmeli bolupdyr. Bir jemgyýetçiligiň görnüşinden beýleki bir görnüşe geçilende adamzadyň aň düsünjesi we maddy gymmatlyklara islegi ýokarlanypdyr. Şeýlelikde jemgyýetçilikde sarp ediş predmetleri bilen zähmet serişdeleri öndürilip başlanypdyr. Adamzat maddy gymmatlyklaryny öndürende onuň möçberini hilini ýokarlandyrmaga ymtylypdyr. Şeýlelikde jemgyýetiň ösmegi bilen maddy gymmatlyklaryň dürli-dürli görnüşleri oýlanyp, artykmaç möçberi öndürlip başlanypdyr. Ýatda saklap bolmajak ýagdaýlar emele gelipdir. Öndürilýän önümleriň gözegçiliginiň amala aşyrmak üçin olaryň mukdaryny ölçäp bellige almaly bolupdyr, artykmaçlaryny ýerleşdirip hilini ýokarlandyrmaly bolupdyr. Bu ýagdaýlaryň esasynda hojalyk hasabyna isleg döräpdir.

***Hojalyk hasaby – jemgyýetçilikdäki we hojalykdaky bolup geçýän hadysalary mukdar taýdan bellige almaklyk hil taýdan baha berip gözegçilik etmekdir.***




1-nji çyzgy. Hojalyk hasabynyň görnüşleri

***Oparatiw hasaby*** – hojalyk hasabynda önümçiligiň işiniň maksatnama laýyklykda alynyp barylýandygyna gözegçilik etmek we şol işleri ýerine ýetirmek üçin böwet bolup durýan meseleleri çözmek üçin gerek. Bu hasap kärhanada aýry-aýry önümçilik tehnalogik hadysalary hakynda maglumatlary örän çalt ýygnap işiň çaltlygyny üpjin etmek bilen meşgullanýar. Ýygnalan maglumatlar dessine ýolbaşçy işgärlere tabşyrylýar. Şonuň netijesinde bolsa degişli kararlary kabul edip emele gelen näsazlyklar we kemçilikler çaltlyk bilen düzedilýär. Oparatiw hsabyň maglumatlary resmileşdirmegi kabul etmeýär. Bu hasabyň maglumatlary degişli jogapkär işgärler tarapyndan şu aşakdaky usullar bilen ýolbaşçylara ýetirilýär.




2-nji çyzgy. Operatiw hasabynyň maglumatlary geçiriş usullary

Bu hasap iň bir ýönekeý hasap diýip agladylýar. Her bir edaranyň işini dolandyrmakda oparatiw hasabyň orny ulydyr. Oparatiw hasapda mukdar zähmet, pul ölçeglerniň hemmesi ulanylýar. Görnüşi ýaly bu hasaby ýörite käri ýöredýän adamlar ýok.

***Statistiki hasap*** –halk hojalygynyň durmuş we ykdysady hadysalarynyň ulgamlaýyn pudaklarynda ýörite düzgünler esasynda öwrenmek we gözegçilik etmek üçin gerekdir. Bu hasap hadysalary ösüş, mukdar we hil taýdan öwrenýär. Esasan hem belli bir geçen döwri öz içine alýar. Statistiki hasabyň ýerine ýetirilmegi üçin ýörite taýýarlanylan hünärmenler bolmalydyr. Bu hasabyň ýerine ýetirilmegi üçin aşakdaky usullar ulanylýar:

1. Ortaça hasap çykarmak usuly.
2. Indekisleşdirmek usuly.
3. Dinamiki setirler usuly.

***Buhgalter hsaby*** – hojalyk hasabyny dolandyrmak üçin iň esasy hsap bolup her bir edara, kärhanada ýola goýulandyr. Bu hasap tutuşlaýyn häsiýete eýe bolup edara kärhananyň içinde (ähli bölümlerinde, sehlerde, skladlarda, şahamçalarda) bolup geçýän amallaryň baryny hsaba alýar. Ilkinji gezek buhgaltar hasaby 1494-nji ýylda italýan monahy Luko Paçolly tarapyndan esaslandyrylýar. Buhgalter hasaby "buhy"-kitap "alter"-bellemek, aňlamak sözlerinden geliýp çykyp, kitapda ýazgy etmek diýmegi aňladýar. Buhgalter hasabyny ýöretmek üçin her bir edara kärhanada ýörite buhgalteriýa bölümleri döredilýär. Buhgalteriň zähmeti beýleki işgärleriňki ýaly belli bir obýekte ýa-da predmete gönükdirilendir. Ol olary hasaplamaga we oňa degişli görkezjileri bellemäge degişlidir. Buhgalter hasaby:

1. Wagty boýunça üznüksizdir. Kärhana açylandan ýapylýança onda bolup geçýän hojalyk hadysalarynyň ählisi hasaba alynýar.
2. Hojalykda amala aşyrylýan ähli amallar hökmany suratda resmileşdirilýär.

1-nji tablisa. Buhgalter hasabynyň usullary

| Buhgalter hasabynyň usullary | | | |
|---|---|---|---|
| **1** | **Resmileşdirmek** | **5** | **Baha kesmek** |
| **2** | **Tükellemek** | **6** | **Kalkulýasiýa** |
| **3** | **Hasaplamak** | **7** | **Balans** |
| **4** | **Iki taraplaýyn ýazgy** | **8** | **Hasabat** |

Bu usullar arkaly buhgalter hasaby öz predmetini öwrenýär. Usullar buhgalter hasabynyň tärleriniň jeminden emele gelendir.

Buhgalter hasaby edara kärhanada diňe bir gündelik hasaby ýöretmän, ol kärhananyň içerki we daşarky maglumat ulanyjylara aýdyň çeşme bolup hyzmat edýär. Sebäbi buhgalteriýada aňladylýan amallar hökman dogry, doly, arassa, üznüksiz bolup, ähli edilýän işler boýunça güwä geçiji häsiýete eýe bolýar. Buhgalteriýada aşakdaky wezipeler tapawutlanýar.

2-nji tablisa. Buhgalter hasabynyň wezipeleri

| ***Buhgalteriýa hasabynyň wezipeleri*** | | | |
|---|---|---|---|
| **1** | **Gözegçilik we barlag wezipesi** | **3** | **Maglumatlar wezipesi** |
| **2** | **Emlägi goramak wezipesi** | **4** | **Seljerme wezipesi** |

Kärhanada maddy gymmatlyklar we edilýän işler köp dürlüdir. Şol ýerine ýetirlen işleri hasaba almaklyk ilki bilen olary ölçemeklikden başlanýar. Ölçemeklik hadysalaryny ýerine ýetirmek üçin şu aşadaky ölçeglerden peýdalanýar.




3-nji çyzgy. Hasabyň ölçeg ululyklary

* ***Mukdar ölçegi*** emlägi we ýerine ýetirilýän işi mukdar taýdan hasaba almak üçin gerekdir. Olar san, agram, göwrüm, uzynlyk, meýdan boýunça ölçenilýär

* ***Zähmet ölçegi*** işiň dowamynda sarp edilen zähmetiň möçberini, kärhananyň işgärleriniň zähmet hak töleglerini hasaplamak üçin ulanlylýar. Zähmet öndürijiliginde zähmet ölçeg birligi mukdar ölçeg birligi bilen utgaşdyrylyp ýöredilýär. Zähmet ölçeg birligine iş güni, iş sagady, iş minudy degişlidir.

* ***Pul ölçegi*** hasaby ýeketäk gymmat boýunça bir ulgamda alyp barmak üçin ulanylýar. Bu ölçeg birliligiň kömegi bilen hojalyk hadysalarynyň jemi jemlenip netije çykarylýar. Ýokardaky ölçeg birliklerinden tapawutlylykda pul ölçeg birliginiň tutýan orny hasaby ýöretmekde aýratyndyr. Pul ölçg birligi Türkmenistanyň milli walýutasy bolan manat we teňňede ýöredilýär.

Buhgalter hasabyny ýöretmekde ýörite talaplar goýulandyr. Bu talaplar ilkinji nobatda buhgalter hasabyny ýöredýän hünärmenlere degişlidir. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Meýilnamada aňladylýan ýerine ýetirilmeli işleriň görkezjileri hakyky ýerine ýetiriljek işleriň görkezjilerniň mümkinçiligine gabat gelmegi hökmanydyr.
2. Hasap dogry we takyk doly ýerine ýetirmelidir.
3. Hasap öz wagytynda amala aşyrylmalydyr.
4. Hasabyň ýönekeýligi we amatlylygy göz öňünde tutmalydyr.
5. Hasap yzgider we üznüksiz bolmalydyr.
6. Kärhananyň emlägi, borçlary, bergileri diňe milli walýutada ýöredilmelidir.
7. Kärhananyň özine degişli bolan emläkleri buhgalter hasabynda aňladylmalydyr. Eger-de özüňe degişli bolmadyk emlägi bar bolsa aýratyn hasapda ýöredilmelidir.

## *Tema №2: «Buhgalter hasabynyň wezipeleri»*

1. **Gözegçilik we barlag wezipesi**
2. **Emlägi gorap saklamak wezipesi**
3. **Maglumat üpjünçilik wezipesi**
4. **Seljerme wezipesi**




***4-nji çyzgy. Buhgalter hasabynyň wezipeleri***

**1. Buhgalter hasabynyň gözegçilik we barlag wezipesi** - bu wezipe hakyky edilmeli işiň ýerine ýetirlenligi, gymmatlyklaryň ýagdaýyny, olaryň hereketini gözegçilikde saklamak bilen bagly bolýar. Buhgalter hasabynyň gözegçilik we barlag wezipesi kärhananyň borçlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Buhgalter hasabynyň maglumatlaryny resminamalaşdyrýar we jemleýji ýa-da umumylaşdyrjy belliknamalarda umumylaşdyrýar. Ýagny, edaranyň ýa-da kärhananyň edilen işiniň doly resmi ýagdaýda görkezilmegine we daşky barlaglary geçirmekligine ýardam edýär. Buhgalter hasabynyň kömegi bilen maliýe guramalry, salgyt gullugy, auditorçylyk gulluklary, hukugy goraýyş guramalary we beýlekiler barlag işini geçirýärler.

**2. Emlägi gorap saklamak wezipesi** - bu wezipe wajyp wezipeleriň biridir. Bu wezipe buhgalter hasaby ulgamyny kämilleşdirmek we onuň gözegçilik derejesini ýokarlandyrmak bilen baglanşyklydyr. Bu wezipe hasapda gymmatlyklaryň hasaba alnyşy we olaryň hereketleriniň hasaby bilen üpjün edilmegidir. Bu wezipäni amala aşyrmakda esasy gural höküminde kärhananyň emlägini tükellemek işi çykyş edýär.

**3. Maglumat üpjünçilik wezipesi** – bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde maglumatlar wezipesi dolandyryş ulgamynda buhgalter hasabynyň esasy wezipeleriniň biridir. Maglumatlaryň dolulygy, takyklygy, özwagtyndadygy bu wezipäniň ähmiýetini has-da artdyrýar. Buhgalter hasabynyň maglumatlary esasynda kärhanalaryň, pudaklaryň we halk hojalygynyň işleri dolandyrylýar. Bu hasabyň maglumatlaryny ulanyjylar ikä bölünýär: içerki ulanyjylar, daşarky ulanyjylar

Içerki ulanyjylar göniden-göni kärhananyň dolanldyryjylary, maýa goýujylary, işgärleri bolup durýar.

Daşarky ulanyjylar kärhanada işlemeýän taraplar bolup, şol kärhananyň işi bilen gyzyklanýan paýdarlar, karz berijiler, salgyt gullugy, döwlet dolandyryjy guramalary, maliýe bölümleri, auditor gulluklary, maglumatlar guramasy we beýlekilerdir.

**4.Seljerme wezipesi** – bu wezipe maglumatlar wezipesi bilen arabaglanşykda bolup şondan gelip çykýar. Seljerme işleri belli bir hasabat döwirlerini öz içine alyp biler. Her bir hasabat döwüründen soň ulgamlaşdyrylan häsiýetde hasap jemlenýär. Ýagny hasabat düzülýär we şol bir hasabatyň görkezijileriniň esasynda seljerme geçirilýär.

### *Tema №3: «Buhgalter hasabynyň dersi barada düşünje»*

1. **"Buhgalter hasaby" dersiniň häsiýetlendirilişi**
2. **Kärhananyň serişdeleriniň düzümi we ýerleşişi boýunça toparlanyşy**
3. **Kärhananyň serişdeleriniň döreýiş çeşmeleri boýunça toparlanyşy**

Her bir ylymyň özüniň dersi bolşy ýaly buhgalter hasabynyň hem ylym hökmünde dersi bardyr. Buhgalter hasabynyň dersini anyklaşdyrmak üçin ony aşakdaky subýektlere bölüp öwrenýärler:

a) kärhananyň serişdeleriniň görnüşleri
b) kärhananyň serişdeleriniň emele gelen çeşmeleri
c) hojalyk hadysasy

**Buhgalter hasabynyň dersi diýip - hasapda aňladylýan serişdelere, olary döredýän çeşmelere we netijede ýüze çykýan hojalyk hadysasyna aýdylýar.**

Kärhananyň serişdeleri ykdysady mazmuny boýunça esasan iki topara bölünýär:

- uzak möhletli ulanylýan serişdeler
- gysga möhletli ulanylýan serişdeler

♣***Uzak möhletli ulanylýan serişdeler*** – özüniň gymmatyny öndürilýän önüme kem-kemden geçirip, kärhana uzak wagtyň dowamynda hyzmat edýär. Olara başgaça esasy serişdeler we dolanşykda däl serişdeler hem diýilýär. Olar aşakdaky toparlardan ybarat:




| | | | |
|---|---|---|---|
| Stanok<br>Parta<br>Transport<br>Kompýuter<br>Telefon<br>Köpri<br>Jaýlar | Ygtyýarnama<br>Patent<br>Diplom<br>Ylymy tapyşlar<br>Awtorlyk pikiri | Esasy serişdeleriň gurnalmagy, abatlanmagy, täzeden işlenilmegi, gurulmagy,... | Depozit goýumlary<br>Karz amallary<br>Gymmatly kagyzlar<br>Walýyta amallary |

***5-nji çyzgy.*** Uzak wagtlaýyn ulanylýan serişdeler

***Esasy serişdeler*** – ulanyş möhleti bir ýyldan ýokary bolan, bahasy Türkmenistanda iň pes zähmet hakynyň möçberiniň iki essesinden köp bolan serişdedir. Olaryň häsiýeti daşky görnüşini üýtgetmän, uzak wagtyň dowamynda bahasyny kem-kemdn taýýar önüme geçirýändir.

***Maddy däl aktiwler*** – maddy esasy bolmadyk uzak wagtyň dowamynda kärhana peýda getirýän aktiwlerdir.

***Düýpli maýa goýumlar*** – esasy serişdeleri gurnamak, gurmak, abatlamak satyn almak... üçin edilen çykdajylaryň jemine aýdylýar.

***Uzak möhletli maliýe goýumlar*** – wagytlaýyn boş duran pul serişdeleriniň uzak wagtyň dowamynda peýda almak maksady bilen ulanylmaga berilmegi.

***♣. Gysga möhletleýin ulanylýan serişdeler –*** ulanyş möhleti bir ýyla çenli bolup, bahasy Türkmenistanda kesgitlenen iň pes zähmet hakynyň möçberiniň iki essesinden pes bolan serişdelerdir. Olaryň häsiýeti önümçilik hadysalarda taýýar önümi öndürmegiň bir aýlawynda özüniň daşky görnüşini üýtegedip, bahasyny taýýar önüme doly geçirýär. Olara başgaça dolanşyk serişdeleri hem diýilýär.




***6-njyi çyzgy.*** Gysga wagtlaýyn ulanylýan serişdeler

Kärhananyň serişdeleriniň emele gelýän çeşmeleri iki sany uly topara bölünýär:

- kärhananyň hususy serşdeleri
- karz alynan serişdeleriň ýa-da berginiň hasabyna emele gelen serişdeler




*7-nji çyzgy. Kärhananyň serşdeleriniň çeşmeleri*

4. Hojalyk hadysasy aşakdaky basgançaklary özünde jemleýär:




*8-nji çyzgy. Hojalyk hadysasy*

## *Tema №4: «Buhgalter hasabynynyň usullary»*

**Buhgalter hasbynyň usuly diýip - buhgalter hasaby dersiniň hasapda ýörite tilsimleriň we tärleriň kömegi bilen aňladylmagyna aýdylýar.**

Buhgalter hasabynyň usullary birnäçe görnüşden bolup, olar biri-biri özara baglydyrlar. Buhgalter hasabynyň usullary şu aşakdakylardan durýar:

1 Resminamalaşdyrmak
2 Tükellemek
3 Hasaplar – şçýotlar
4 Ikitaraplaýyn ýazgy
5 Kalkulýasiýalaşdyrmak
6 Bahalamak
7 Balans
8 Hasabat

1. **Resminamaşlaşdyrmaklyk** –buhgalter hasabynyň başlangyjy we esasy bolup çykyş edýär.Resminamalar her gün edilýän işleri aýry –aýrylykda ýerine ýetirilen ýerinde, ýerine ýetirlen wagtynda ol işiň mukdaryny we gymmatyny ýörite hat üsti bilen hem-de jogapkär işgäriň şol işiň kanunyna laýyklykda ýerine ýetirilmegi barada gol çekmegi bilen ýerine ýetirlen işe aýdylýar.
2. **Tükellemek** – kärhananyň gymmatlyklarynyň hakyky barlygynyň sanalmagynyň, agramynyň, uzynlygynyň, meýdanynyň, göwrüminiň ölçenmeginiň netijesinde, olaryň buhgalter hasabynyň maglumatlary bilen deňeşdirilip netije çykarylmagyna aýdylýar. Tükellemek işini ýerine ýetirmek üçin kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrygy esasynda ýörite tükellema topary döredilýär.

Tükellemek usuly hasabyň has takyklygyny we dogrylygyny aňlatmak üçin, emläkleriň goraglylygyny doly we dogry üpjin etmek üçin gerek .

3. **Bahalamak**- gymmatlyklaryň köpdürliligi sebäpli, olaryň mukdarlaryny jemläp görkezip bolmaýar . Şoňa görä-de her bir gymmatlyk hasaby jemlemek üçin ýörite baha bilen kesgitlenýär . Hasaby ummumylaşdyrmak we jemlemek üçun hem bahalamak gerekdir.
4. **Kalkulýasiýalaşdyrmak** – bu usul arkaly her öndürlen gymmatlyklaryň möçberini aýry-aýrylykda mukdary we bahasy boýunça kesgitlenmegine aýdylýar. Kesgitlemek usuly her bir öndürilen önümiň ýa-da ýerine ýetirlen işiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin gerekdir.
5. **Hasaplar** - gymmatlyklaryň düzümini, olaryň hereketini, olaryň çeşmelerini hasaba almak üçin niýetlenendirler. Her bir aýry-aýry gymmatlyklary üçin we her bir aýry-aýry çeşmeler üçin ýörite hasaplar bellenilýär. Ol hasaplar san we at birliginde bellenilýär. Mysal üçin: 01-esasy serişdeler ýagny, beýle diýildigi şu hasapda esasy serişdeler bellige alynýar, 02-esasy serişdeleriň könelmegi, 06-uzak möhletleýin maýa goýumlar, 08-düýpli maýa goýumlar, 10-materiallar, 50-kassa. Hasap (sçýot) diýip göz öňüne getirilende hökman bir sahabyň iki tarapyny göz öňüne getirmeli. Şonuň üçin hem hasabyň iki tarapy bardyr. Çep tarapy debet diýip aňladylýar, sag tarapy kredit diýlip ýazylýar.
6. **Iki taraplaýyn ýazgy**-her bir edilen işiň ýa-da ýerine ýetirilen amalyň şol bir wagtyň özünde iki hasapda-bir hasabyň debet tarapynda, beýleki bir hasabýň kredit tarapynda belli bir jemde aňladylmagyna aýdylýar.

7. **Balans**-hojalyk serişdelerini we olaryň çeşmelerini belli bir döwür boýunça pul birliginde umumylaşdyryp we topar görkezýän usuldyr. Buhgalterçilik balansy hasaby jemlemek üçin hökmandyr. Ol diňe pul birliginde aňladylýar. Balansyň iki tarapy bolýar. Çep tarapy aktiw, sag tarapyna passiw diýilip aňladylýar. Aktiw tarapynda kärhananyň serişdeleri görkezilse, passiw tarapynda şol serişdeleriň çeşmeleri görkezilýär.

8. **Hasabat**-kärhananyň belli bir döwür geçenden soň işiniň netijesini ýörite görkezijileriň kömegi bilen aňladylmagyna aýdylýar. Hasabat döwri diýip-ýanwar aýynyň 1-den, dekabr aýynyň 31-ne çenli aralyk aýdylýar, bu bir ýyllyk hasabyň döwridir.Her ýyl öz gezeginde 4 hasabat döwrüne bölünýär:

1. Birinji çärýekden;
2. Ikinji çärýekden;
3. Üçünji çärýekden;
4. Ýyllyk hasabaty

## *Tema №5: «Buhgalter balansy barada umumy düşünje»*

**1.Buhgalter balansy barada düşünje**
**2.Balansyň aktiw tarapynyň gurluşy**
**3.Balansyň passiw tarapynyň gurluşy**

Buhgalter hasabynyň iň soňky jemleýji usulynyň biri bolan balans kärhnanyň ygtyýaryndaky emläkleri we olaryň emele gelýän çeşmelerini gymmat görnüşinde jemlemäne mümkinçilik berýär. Balans her çärýegiň başlanýan gününe düzülýär (her aýyň birine). Balans kärhananyň maddy gymmatlyklaryny we olaryň çeşmelerni belli bir senä jemläp görkezýän hasabatdyr. Bu gyzyklanýan taraplara maglumat çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Balans kärhanyň baş hasapçysy tarapyndan doldurylýar. Balansyň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlanýar:
1.Giriş balansy-kärhananyň açylýan wagty düzülýän balans.
2.Gündelik balans-çärýekde (kwartal) düzülýän balans.
3.Ýyllyk balans-ýylda bir gezek ýylyň jemini jemleýän (jemleýji balans) balans.
4.Jebislendirilen balans. (konsolidirlenen balans)
5.Likwidasion-kärhana ýapylan wagty düzülýän balans

Balansyň daşky görnüşi iki taraplaýyn duran tablisany ýatladýar. Birinji tarapynda kärhananyň serişdeleri ýerleşýär. Ikinji tarapynda serişdeleriň dörän çeşmeleri görkezilýär. Her bir serişdäni emele getirmek üçin çeşmäniň hökmanlygyndan ugur alyp balansyň aýratynlygyny bellemek hökmandyr: diýmek, balasyň aktiw tarapy bilen passiw tarapy deň bolmaly.

Kärhananyň balansynyň aktiw tarapynyň jeminiň passiw tarapynyň jemi bilen deň gelmegine balansyň walýutasy diýilýär. Ony aşakdaky tablisadan görmek bolar.

***Kärhananyň balansy***

3-nji tablisa

| № | Aktiw | Möçberi | № | Ustaw gazna | Möçberi |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Esasy serişdeler | 5 000 | 1 | Ustaw gazna | 7 000 |
| 2. | Materiallar | 3 000 | 2 | Peýda | 2 000 |
| 3. | Arzan bahaly tiz Könelýän predmetler | 2 000 | 3 | Ýörite maksatly gazna | 1 000 |
| 4. | Taýýat önüm | 1 000 | 4 | Gysga möhletli karz | 2 000 |
| 5. | Kassa | 4 000 | 5 | Zähmet hak tölegleri boýunça bergiler | 1 200 |
| 6. | Hasaplaşyk hasaby | 4 000 | 6 | Üpjün edijilere bergiler | 1800 |
| 7. | Gaýry debitorlar | 400 | 7 | Býujete bergiler | 600 |
| 8. | - | - | 8 | Gaýry kreditorlar | 400 |
| | - | 16 000 | | | 16 000 |

Balansda serişdeleriň hem-de olaryň çeşmelerniň ýagdaýy balansyň düzülen günine görkezilýär. Balansda serişdeleriň hereketi görkezilmeýär. Balansyň aktiw

tarapy iki, passie tarapy bolsa üç sany bölümden düzülip, olaryň her biri özünde birnäçe maddalary saklaýr. Balansyň görkezijileriniň maglumatlary iki sany sütünde ýerleşýär. Balansyň görkezijileriniň maglumatlary birinji sütünde ýylyň başyna jemlenilýär, ikinji sütünde hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa jemlenilýär.

Balansyň aktiw tarapynyň bölümleri:

***1-nji bölüm.* Dolanyşykdan daşarky aktiwler.**

1. Esasy serişdeler-bu görkezijiniň mglumatyny görkezýän sütünde esasy serişdeler aşakdaky gymmaty boýunça aňladylýar.

Başlangyç bahasyndan könelmesi aýrylýar we galyndy bahasa çykarylýar.

2. Maddy däl aktiwler-bu görkezujuniň maglumaty esaey serişdelere degişli boljak satyn alynan maşynlaryň, mehanizimleriň bahalary boýunça görkezilýär.
3. Oturdylmaga degişli enjamlar-bu görkezijiniň maglumatlary esasy serişdelere degişli boljak satyn alnan maşynlaryň, mehanizimleriň bahalary boýunça görkezjilýär.
4. Tamamlanmadyk düýpli maýa goýumlar-bu görkezijiniň maglumaty satyn almak üçin we kärhananyň jaýlaryny desgalaryny gurmak üçin edilen çykdajylaryň jemini görkezýär.
5. Uzak möhletleýin maliýe goýumlar-bir ýyldan ýokary möhlet bilen satyn alnan gymmatly kagyzlaryň bahalary, berlen kalzlaryň möçberi, goýum amallaryna goýberlen serişdeleriň möçberi jemlenip görkezilýär.
6. Döredijiler bilen hasaplaşyklar-bu ýerde kärhananyň öz eýesinden esaslyk maýasy boýunça goýmaly goýum üçin almaly algylary görkezilýär.

***2-nji bölüm.* Dolanşykdaky aktiwler.**

**2.1. Ätiýaçlyklar we harajatlar.**

1. Materýallar özüniň satyn alyş bahasy boýunça görkezilýär.
2. Ösdürimdäki we bakydaky mallar.
3. Arzan bahaly we tiz könelýän predmetler esasy serişdeler ýaly galyndy gymmaty boýunça hasaplanylmaly.
4. Tamamlanmadyk önümçilik bu setirde hasabat döwrüniň ahyryna çenli doly öndürilip bolmadyk önümlere edilen çykdajylar görkezilýär.
5. Geljek döwriň çykdajylary
6. Taýýar önüm-bu setirde doly tamamlanyp, sklada tabşyrlan önümleriň bahasy gökezilýär.
7. Haryt.
8. Galan harytlara degişli dolanşyk harajatlary.

**2.2. Pul serişdeleri, hasaplaşyklar we gaýry aktiwler.**

1. Bergidarlar bilen hasaplaşyklar–bu setirde kärhananyň dürli guramalarda, öz işgärleriniň algylary görkezilýär.
2. Pul serişdeleri-bu setirde kärhanalaryň kassasyndaky, hsaplaşyk hasabyn-daky, daşary ýurt pullary hasabyndaky we gaýry pul serişdeleri görkezilýär.
3. Gysga möhletli maliýe goýumlar-gysga möhlete satyn alnan gymmatly kagyzlar, berlen karzlar we goýumlar şu setirde görkezilýär. Balansyň aktiw tarapy jemlenende onuň üç bölüminiň jemi aýry aýrylykda jemlenip şolaryň esasynda balansyň aktiw tarapynyň umumy jemi ýazylýar.

Balansyň passiw tarapynyň bölümleri:

***1-nji bölüm*. Maýalar we ätiýaçlyklar.**

1. Esaslyk maýa (ustaw fond) onuň möçberi kärhana döredilende Türmenistanyň kärhanalar hakyndaky kanunyna laýyyklykda eýesi dörediji tarapyndan bellenilip ustawda görkezilýär.
2. Atiýaçlyk gory (fondy) kärhananyň hususy serişdesiniň çeşmesiniň biri bolup, kärhananyň peýdasynyň hasabyna döredilýär.
3. Ýörite maksatly gaznalar toplaýyş gaznasyndan we sarp ediş gaznasyndan ybaratdyr. Bularyň ikisi hem kärhananyň peýdasynyň hasabyna döredilýär. Toplaýyş gaznasy esasy serişdeleri döretmek we satyn almak üçin ulanylýar. Sarp ediş gaznasy kärhananyň işgärlerini höweslendirmek üçin ulanylýar.
4. Şübheli bergi borçlaryň ätiýaçlyklary onuň möçberi döredilende kärhananyň ýitgisi, zyýany hasaba alnyp döredilýär. Kärhananyň bu ätiýaçlygy bellenen möhletde öz algylaryny alyp bilmese we ony alyp bilmejegine gözi ýetse, onda ol algy kärhananyň şu ätiýaçlygynyň hasabyna ýapylýar. Bergidarlardan alynmajak algylar hasabat döwrüniň ahyryna gçirilýän tükellemede ýüze çykarylýar.
5. Geljekgi çykdajylayyň we tölegleriň ätiýaçlyklary- kärhananyň önümçilik we dolanşyk çykdajylarynyň hasabyna döredilýär. Bu ätiýaçlyklaryň hasabyna esasy serişdeleri abatlamak üçün, geljekde işçileri we işgärleri zähmet rugsadyna ibermek üçün gerek bolan serişdeler ulanylýar.
6. Maksatly maliýeleşdirme we gelip goşulmalar – döwlet tarapyndan ýörite maksatlar üçün, döwletiň belli bir işini ýerine ýetimek üçün gaýtarylyp berilmezlik şerti bilen goýberilýän serişdeleriň çeşmesi.
7. Döredijiler bilen hasaplaşyklar – bu çeşme hususanda paýdarlar jemgyýetine degişlidir. Kärhanalar döredilende aksiýalar boýunça peýdany paýlamak üçün ulanylýar.
8. Geçen ýylyň paýlanylmadyk peýdasy – geçen hasabat ýyllaryň peýdasyny hasaplamak üçün ulanylýar.
9. Hasabat ýylynyň peýdasy – hasabat döwrüniň peýdasyny aňlatmak üçün ulanylýar.

***2-bölüm*. Uzak möhletleýin passiwler.** Ol özünde şu aşakdaky setirleri jemleýär.

1. Banklaryň uzak möhletleýin karzlary – bu setirde kärhananyň bankdan alan uzak möhletli karzy boýunça bergileri görkezilýär.
2. Uzak möhletli gaýry karzlar – bu setirde kärhananyň gaýry guramalardan alan uzak möhletli karzlar boýunça bergileri görkezilýär.

***3-bölüm*. Hasaplaşyklar we gaýry passiwler (borçnamalar).**

1. Banklardan alynan gysga möhletli karzlar – bu setirde kärhananyň çig-mal, materiallary satyn almak üçün, zähmet haklaryny tölemek üçün alynan gysga möhletli bank karzy görkezilýär.
2. Gysga möhletli gaýry karzlar – bu setirde beýleki edara-kärhanalardan alnan gysga möhletli karz boýunça bergiler görkezilýär.
3. Algydarlar bilen hasaplaşyklar – bu setirde kärhananyň has gysga döwürde tölemeli bergi borçlary görkezilýär.

Passiw tarapyň 3 bölüminiň jemi hem aýry-aýrylykda jemlenip passiwiň umumy jemi tapylýar.

## *Tema №6: «Hojalyk amaly we onuň balansa edýän täsiri»*

1. **Hojalyk amaly barada düşünje**
2. **Hojalyk amallarynyň balansa edýän täsiri**

Balans belli bir hasabat döwründen soň düzülip tassyklanylýar. Beýle diýmeklik „şonuň bilen buhgalter hasaby tamamlanýar“ diýilmegi aňlatmaýar ýagny, tä kärhana ýapylýança hasap üznüksiz dowam edýär. Bir topar işleriň, amallaryň täze hasabat döwründe ýüze çykmagy geljekki düzüljek balansyň setirlerine täsir edip, onuň walýutasyny üýtgetmäge mejbur edýär. Ýeri gelende bellemeli zatlaryň biri hem kärhanada hojalyk amallarynyň azlygy ýa-da köplügi balansyň walýutasyny üýtgetmeýär. Kärhananyň balansynyň aktiwindäki we passiwindäki hojalyk amallarynyň üýtgemegi netijesinde üýtgeýän setirler balansyň walýutasyny üýtgedýär. Häsiýetlerine baglylykda hojalyk amallary balansa ýetiýän täsiri boýunça 4 topara bölünýär. Balansyň diňe aktiw tarapynda hojalyk amalynyň ýüze çykmagy. Balansyň diňe passiw tarapynda hojalyk amalynyň ýüze çykmagy. Balansyň aktiw-passiw tarapynda hojalyk amallarynyň ýüze çykmagy bilen balansyň walýutasynyň köpelmegi. Balansyň aktiw-passiw tarapynda hojalyk amallarynyň ýüze çykmagy bilen balansyň walýutasynyň azalmagy.

Balans temasynda mysal getirilen walýutasy 16000 müň manada deň bolan tablissanyň esasynda kärhanadaky hojalyk amallaryny düşündirmäge çalşalyň.

**Hojalyk amalynyň birinji topary: A(+)=A(-)** deňlik bilen aňladylýar. Bu ýerde hojalyk amallary balansyň diňe aktiw tarapynda bolmak bilen onuň walýutasyna täsirini ýetirmeýär. Şonuň üçin hem balansyň walýutasy üýtgemeýär.

Mysal üçin: 2000 manatlyk pul serişdesi zähmet hakyny tölemek üçin hasaplaşyk hasabyndan kassa getirildi.

**DT 50+**
**KT 51-**

Ýagny, biziň balans maglumatymyzdaky hasaplaşyk hasabymyzdaky 4000 manadyň 2000 manady kassamyza geçirildi. Şeýlelik bilen hasaplaşyk hasabymyzdaky galyndy 2000 manada deň boldy. Kassamyzda bolsa 600 manadyň üstüne 2000 manat goşulup, nagt serişdämiz 2600 manada deň boldy.

Ýagny, mysaldan görnüşi ýaly hojalyk amaly balansyň aktiw tarapynda bolany üçin balansymyzyň walýutasy 16000 manatlygyna galdy.

**Hojalyk amalynyň ikinji topary: P (+)=P (-)** deňlik bilen aňladylýar. Bu ýerde hojalyk amalynyň balansyň diňe passiw tarapynda bolup, balansyň walýutasyny üýtgetmeýär. Mysal üçin kärhanamyzyň peýdasynyň bir bölegi 1000 manat ýörite maksatly gazna geçirilýär.

**DT 81+**
**KT 88 +**

Görşümiz ýaly kärhanamyzyň peýdasy 1000 manady azalyp ýörite maksatly gaznamyz şol möçberde köpeldi. Geçiren hojlyk amalymyz balansyň diňe passiw tarapynda bolany üçin onuň walýutasy üýtgemän 16000 manatlygyna galdy.

**Hojalyk amalynyň üçinji topary: A (+)=P (+)** deňlik bilen aňladylýar. Kärhanamyzda indiki amal balansyň aktiwinde-de, passiwinde-de bolup balansyň walýutasyna deň derejede täsir edýärler.

Mysal üçin: üpjün edijilerimizden kärhanamyzyň skladyna 3000 manatlyk material gelip gowuşdy. Meselä çynlakaý seredenimizde materiallarymyzyň biz üçin aktiwdigini, ol materiallar boýunça tölenilmeli tölegiň öz öňümizdäki bergi borjumyzdygyny göz öňüne tutup passiwdigini bellesek onda, aktiwimiz bilen birlikde passiwimiziňem artýandygyny görmek bolýar.

**DT 10 +**

**KT 60 +**

Görnüşi ýaly biziň balansymyzdaky 3000 manatlyk material 6000 manada, üpjün edijilere bergimiz 1800 manatlygynda 4800 manada deň boldy. Diýmek balansyň walýutasy aktiwimiziň hem passiwimiziň hem artmagy bilen üýtgäp 19000 manada deň boldy.

**Hojalyk amalynyň dördünji topary: A (-)=P (-)** deňlik bilen aňladylýar. Bu ýerde balansyň walýutasy aktiw we passiw bölümleriniň deňliginde kemelýär. Mysal üçin: işgärlere 600 manat möçberinde zähmet haky tölenildi.

**DT 70 -**

**KT 50 -**

Meseleden görnüşi ýaly balansymyzyň maglumaty boýunça kassamyzda 600 manat bardy we işgärleriň öňündäki bergimiz bolsa 1200 manada deň. Eger-de biz 600 manady işgärlere aýlyk tölesek onda biziň kassamyzdaky 600 manadymyz nula (0) deň bolar we zähmet haky boýunça bergimiz 600 manada deň bolar. Şonuň esasynda balansymyzyň aktiw we passiw tarapyndaky setirlerde 600 manada deň derejede kemelip, balansyň walýutasy 16000 manatlygdan 15400 manada deň bolýar.

## *Tema №7: « Buhgalter hasaplary barada düşünje, olaryň görnüşleri we gurluşlary»*

**1. Aktiw hasaplar**
**2. Passiw hasaplar**
**3. Aktiw we passiw hasaplar**

***Aktiw hasaplar*** – kärhananyň serişdeleriniň hereketi we kärharanyň önümçiligini hasaba almak üçin niýetlenendir. Her bir hasabyň döwrüň başyna hem-de ahyryna galyndylary bardyr. Aktiw hasaplarda debet tarapda serişdeleriň köpelmegi görkezilse, kredit tarapynda olaryň sarp edilişi, kemelşi görkezilýär. Aktiw hasabyň galyndylary debet tarapda görkezilýär. Aşakdaky tablisada aktiw hasabyň gurluşy şekillendirilýär.

**Aktiw**

***4-nji tablisa. Aktiw hasabyň gurluşy***

| DT+ | KT- |
|---|---|
| Başlangyç galynndy | |
| Kärhananyň serişdeleri we olaryň hereketi | Kärhananyň serişdeleriniň ulanylylşy we sarp edilşi |
| Aýlanşygyň jemi | Aýlanşygyň jemi |
| Soňky galyndy | |

***Passiw hasaplar*** – kärhanada serişdeleriň emele getirýän hususy we karz alnan çeşmeleri hasaba almak üçin ulanylýar. Passiw hasabyň kredit tarapynda çeşmeleriň köpelişi görkezilýär. Onuň debet tarapynda çeşmeleriň kemelişi görkezilýär. Bu hasabyň galyndylary diňe kredit tarapda belgilenýär.

**Passiw**

***5-nji tablisa. Passiw hasabyň gurluşy***

| DT- | KT+ |
|---|---|
| | Başlangyç galyndy |
| Çeşmeleriň kemelşi | Çeşmeleriň köpelşi |
| Aýlanşygyň jemi | Aýlanşygyň jemi |
| | Soňky galyndy |

***Aktiw-passiw hasaplar*** - kärhananyň hasaplaşyklaryny (debitor we kreditor bergileri) we peýdasyny, zyýanyny, ýerleşdiren önümini, ýerleşdiren esasy serişdelerini, ýerleşdiren beýleki aktiwlerini hasaba almak üçin ulanylýar. Bu hasaplar akktiw we passiw hasaplaryň häsiýetini özinde jemleýär. Ýokardaky birinji we ikinji çyzgylar bu soragda eger-de amaly aktiw bolsa aktiw gurluşly, passiw bolsa passiw gurluşly tablissa çyzgysy ulanylýar. Başgaça aýdylanda bu hasaplar aktiw-passiw iki häsiýetli bolsalar-da ýüze çykýan amal şol pursatda bir häsiýeti aňladýar. Olar hasaba alynanda hem şol häsiýet boýunça aňladylýar.

Aktiw hem-de passiw hasaplarda soňky galyndyny hasaplamagyň usuly ýörite formulanyň üsti bilen kesgitlenilýär. Bellemeli zadyň ýene-de biri ol hem galyndy barada düşinjedir. **Galynda buhgalteriýada "Saldo" diýilýär.** Döwriň başyndaky galynda başlangyç galyndy diýlip **"$S_1$"** bilen belgilenýär. Döwriň ahyrynda galýan galynda soňky galyndy diýilýär. Ol **"$S_2$"** bilen belgilenýär.

Ýokardaky aýdylanlardan ugur alsak oonda aktiw hasaplardaky galyndylar debet tarapda aňladylyp, passiw hasaplaryň galyndylary olaryň kredit tarapynda aňladylýar. Şeýle ýagdaýda hasaplar açyk diýip hasaplanylýar. Eger-de hasaplarda galyndy galmasa onda olar ýapyk hasap diýilip hasaplanylýar.

**Aktiw hasaplarda soňky galyndy şu formula bilen hasaplanylýar:**

$S_2=S_1+DAJ-KAJ$

$S_1$=başlangyç galyndy

DAJ-debet aýlanşygyň jemi

KAJ-kredit aýlanşygyň jemi

**Passiw hasaplarda soňky galyndy şu formula bilen hasaplanylýar:**

$S_2=S_1+KAJ-DAJ$

$S_1$=başlangyç galyndy

KAJ-kredit aýlanşygyň jemi

DAJ-debet aýlanşygyň jemi

## *Tema №8: «Hasaplarda iki taraplaýyn ýazgy, analitik we sintetik hasaplar, dolanşyk wedomosty»*

1. **Iki taraplaýyn ýazgy.**
2. **Analitik we sintetik hasaplar**
3. **Dolanşyk wedomosty**

"Buhgalter balansynyň mazmuny we gurluşy" diýilen demadan "Hojalyk amaly we olaryň balansa edýän täsiri" diýilen temadan belli boluşy ýaly kärhananyň balans maglumatlary hökmany suratda hasaplarda aňladylýar. Maglumatlar boýunça hojalyk hadysasy ýüze çykanda şol hasaplaryň arasynda baglanşyk ýüze çykýar, baglanşyga ***korrespondensiýa*** diýilýär. Umuman aýdyylanda korrespondirlenýän hasaplar ýörite bellenilen buhgalter resminamalarynyň üstinde görkezilen ýerinde ýa-da resminamanyň ýokarky çep çüňkinde ýazylýar. Şolaryň hemmesi iki taraplaýyn ýazgy geçirilýän pursatynda amala aşyrylýar.

**Iki taraplaýyn ýazgy (prawodka) diýip – hojalyk amalynyň şol bir jemde bir hasabayň debetinde, başga bir hasabyň kreditinde aňladylmagyna aýdylýar.**

Iki taraplaýyn ýazgy ýönekeý we çylşyrymly görnüşde bolýar.

**Ýönekeý iki taraplaýyn ýazgy** diýip – hojalyk amalynyň bir hasabyň debetinde, başga bir hasabyň kreditinde görkezilmegine aýdylýar.

**Çylşyrymly iki taraplaýyn ýazgy** diýip – hojalyk amalynyň bir hasabynyň debetinde, başga birnäçe hasaplaryň kreditinde ýa-da birnäçe hasaplaryň debetinde bir hasabyň hem kreditinde görkezilmegine aýdylýar.

Ýönekeý iki taraplaýyn ýazga mysal: soňundan tölemek şerti bilen 10 000 manatlyk material gelip gowuşdy:

***DT 10 +***
***KT 60 +***

Çylşyrymly iki taraplaýyn ýazga mysal: – kärhana soňunda tölemek şerti bilen 2000 manatlyk material, 1000 manatlyk hem arzan bahaly tiz könelýän zatlar gelip gowuşdy.

***DT 10 + 2000***
***DT 12 + 1000***
***KT 60 + 3000***

**Hojalyk serişdeleriň we çeşmeleriň ýagdaýyny hereketini jemlenen görnüşinde görkezýän hasaplara *sintetiki hasaplar* diýilýär.** Sintetiki hasaplara hasaplar meýilnamasy, balans, dolanşyk wedomosty mysal bolup biler. Olardaky maglumatlar jemlenen görnüşinde bolup umumylaşdyrlan häsiýete eýedir. Kärhananyň ýagdaýyna doly gözegçilik etmek üçin bolsa sintetik hasabyň maglumatlary ýeterlik däldir. Her bir aktiwiň emläginiň we passiwiň hususy serişdeleriň we bergi borçlarynyň möçberiniň näçedigi, görnüşleri, köpelişi ýa-da kemelişi, bergi borçlar boýunça hasaplaşygyň öz wagtynda geçirilişi tertibi baradaky maglumatlar analitik hasaby arkaly üpjün edilýär.

**Analitik hasap diýip hojalykda serişdeler we olaryň çeşmeleri hakynda aýry-aýry, jikme-jik doly maglumat berýän hasaba aýdylýar.**

Analitik hasabyň maglumatlary bolup dürli bellige alyş kitaplary, depderler, kartoçkalar, şahsy hasaplar, dürli töleg wedomostlary we ş.m degişilidir. Sintetik hasaplar ýöredilende we analitik hasaplar ýöredilende sçýötlar ulanylýar. Sintetik

hasabyň sçýotlary bolup hasaplar meýilnamasy çykyş edýär. Analitik hasabyň sçýotlary bolup her bir amal üçin aýratyn açylan sçýotlar çykyş edýär. Mysal üçin: 70 hasap sintetiki sçýot bolup kärhanada 50 işgär işleýän bolsa olaryň her haýsysyna açylan aýratyn şahsy sçýot analitiki sçýot bolup çykyş edýär. Sintetiki hasap ýöredilende ulanylýan sintetiki sçýotlara buhgalteriýada **birinji tertipli** ýa-da **baş sçýotlar** diýilýär. Olar ýönekeý we çylşyrymly görnüşde bolýarlar.

**Ýönekeý sintetiki sçýot diýip** – eger-de hojalyk obýekti (aktiw passiw) mundan bu ýana toparlara bölünip hasapda ýöredilmegi talap etmeýän bolsa, jikme-jikligi onda oňa ýönekeý sintetiki sçýot diýilýär. Mysal üçin: 50, 51, 85

Hasapda hojalyk obýekti has giňişleýin maglumatlary talap edýän bolsa we toparlara bölüp ýöredilmäge degişli bolsa, onda beýle hasaplar **çylşyrymly sintetiki sçýotlary** emele getirýärler. Mysal üçin: 01, 10.

Baş sçýotlar iki san bilen belgilenip hasaplar meýilnamasynda görkezijileriň deňinde olary san taýdan aňladyp görkezýär. Eger-de zerurlyk ýüze çykyp çylşyrymly sinntetiki sçýotlaryň görkezijileri analitiki sçýotlara bölünse hasaplar meýilnamasynda olar görkezilmese-de kärhananyň hojalygyny ýöretmek üçin, serişdeleriň saklanylyşyny, ulanylşyny dogry ýola goýmak üçin olar ýöredilýär. Hasaplar meýilnamasynda her bir çylşyrymly sintetiki sçýotlara kömekçi sçýot niýetlenen. Olara **ikinji tertipli sçýotlar** ýa-da sub sçýotlar diýilýär. Hemme sintetiki sçýotlaryň sub sçýoty ýokdyr. Olar maglumatlary toparlap bolýan sçýotlarda açylýar. Olaryň sanawy hasaplar meýilnamasynda görkezilen. Mysal üçin:

10/1, 10/2, 10/3

10/1 - çig mal

10/2 - ýarym fabrikat

10/3 – ýangyç

Kärhanada onuň edýän işine baglylykda hasaplar meýilnamasynda oňa gerek bolan sub sçýot ýok bolsa özbaşdak açmaga rugsat berilýär.

***Sintetiki we analitiki sçýotlaryň arabaglanşygy:.***

- Analitiki sçýotlar sintetiki sçýotlaryň jikme-jikligi üçin ýöredilýär.
- Berilen sintetiki sçýotlaryň amallary hökmany suratda degişli analitiki sçýotlarda görkezilmeli.
- Sintetiki sçýotlarda geçirilýän amallaryň bahasy jemlenip ýazylýar, analitik sçýotda aýry-aýry görkezilýär.
- Analitiki we sintetiki sçýotlaryň gurluşy birdir, ýagny şol bir amal sçýotlaryň debetinde ýa-da kreditinde ýazylýar.

***Analitiki hasap ýöredilende ulanylýan resminamalar:***

- Kartoçkalar
- Kitaplar (baş kitap)
- Bellige alyş depderleri
- Şahsy hasaplar

***Sintetiki hasap ýöredilende ulanylýan resminamalar:***

- Balans
- Aýlanşyk galyndy wedomosty
- Kärhananyň kassa žurnaly

Buhgalter hasabynyň maglumatlary dolanşyk wedomostynyň kömegi bilen jemlenip her aýda sintetik sçýotlaryň esasynda düzilip şu aşakdaky magglumatlary özinde jemleýär.

1) Debet hem-de kredit boýunça başlangyç galyndy.
2) Aýyň dowamyndaky aýlanyşyk.
3) Debet hem-de kredit boýunça soňky galyndy.

Dolanşyk wedomostyndaky maglumatlary almak üçin üç sany jübit sütin zerurdyr. Jübüt sütünleriň jemleri özara deňdir.

***1-nji jübüt sütübde-*** jemleriň deňligi debetdäki galyndylar balansyň aktiw tarapyndaky hasaplaryň galyndylary bolup kredit tarapynda balansyň passiw tarapynyň hasaplarynyň galyndylary ýazylýar. Diýmek dolanşyk wedmostynyň birinji jübüt sütünindäki maglumatlar geçen aýyň ahyryndan täze şu aýa geçýän maglumatlaryň galyndylaryny görkezýär. Hasapda ol maglumatlaryň çeşmesi bolup geçen aýa düzülen kärhananyň balansy çykyş edýär.

***2-nji jübüt sütünde-*** aýyň dowamyndaky herketiň galyndylary boýunça iki tarapyň deň gelmeginiň sebäbi şol aýyň dowamyndaky kärhanada bolup geçýän hojalyk amallary iki taraplaýyn ýazgyda bellige alnanda bir hasabyň debetinde başga bir hasabyň kreditinde ýazylýanlygy bilen düşündirilýär.

***3-nji jübüt sütüninde-*** soňky galyndynyň debetinde hem-de kreditinde tarap boýunça deň gelmeginiň sebäbi kärhanadaky hojalyk amallaryny aýyň ahyryna jemläp, täze balansyň düzülmegine esas bolýanlygy bilen düşündirilýär.

***Sintetik hasap boýunça dolanşyk wedomosty***

6-njy tablisa

| B/ HB | B/HA | I | | II | | III | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **DT** | **KT** | **DT** | **KT** | **DT** | **KT** |
| 01 | Esasy serişdeler | 5000 | | - | | 5000 | |
| 10 | Materiallar | 3000 | | - | 3000 | - | |
| 12 | ABTKP | 2000 | | - | | 2000 | |
| 20 | Esasy önümçilik | | | 3000 | | 3000 | |
| 40 | Taýýar önüm | 1000 | | - | | 1000 | |
| 50 | Kassa | 600 | | 1000 | | 1600 | |
| 51 | Hasaplaşyk hasaby | 4000 | | 4000 | 1000 | 7000 | |
| 76 | Gaýry debitorlar | 400 | | - | - | 400 | |
| 85 | Ustaw gazna | | 7000 | | - | | 7000 |
| 80 | Peýda (zyýan) | | 2000 | | - | | 2000 |
| 88 | Ýörüte mak. gaz. | | 1000 | | - | | 1000 |
| 90 | Gys. möh. bank karzy | | 2000 | | - | | 2000 |
| 92 | Uzak. möh. bank karzy | | | | 4000 | | 4000 |
| 70 | Zäh.hak.töl.boý.ber. | | 1200 | | - | | 1200 |
| 60 | Üpjin. edijilere ber. | | 1800 | | - | | 1800 |
| 68 | Salgyt. boý. ber. | | 600 | | - | | 600 |
| 76 | Gaýry kreditorlar | | 400 | | - | | 400 |
| | | 16000 | 16000 | 8000 | 8000 | 20000 | 20000 |

## Tema №9: «Hasaplaryň düzümi we maksady boýunça toparlanyşlary»

1. **Esasy hasaplar**
2. **Sazlaýjy hasaplar**
3. **Amajy hasaplar**
4. **Deňeşdiriji hasaplar**
5. **Balansdan daşary hasaplar**

Hasaplaryň maksady boýunça toparlara bölünmegi analitik hasaby ýöretmek üçün gerek bolýar. Bu hasaplar buhgalter hasaplary näme üçün gerek?, öwrenilýän zatlar nähili hasaba alynmaly?, kärhananyň işiniň netijeliligine baha bermek üçin maglumatlary haýsy hasaplardan almaly? ýaly ş.m. ençeme soraglara jogap berýärler. Bu hasaplar 5 topara bölünýär:

- Esasy hasaplar.
- Sazlaýjy hasaplar.
- Amaly hasaplar.
- Deňeşdiriji hasaplar.
- Balansdan daşary hasaplar.

***Esasy hasaplar***-kärhananyň serişdeleriniň we onuň emläkleriniň barlygy, gözegçiligi üçin ulanylýar. Esasy hasaplar diýilmegiň sebäbi, olar kärhananyň işiniň özeni bolup durýar. Bu hasaplar bize belli bolan aktiw, passiw, aktiw- passiw hasaplardyr.

***Sazlaýjy hasaplar***- esasy hasapda bellige alynýan emläkleriň we çeşmeleriň aýry-aýrylykda sazlanmagy we bahalandyrylmagy üçin ulanylýar. Bu hasaplar esasy hasaplar bilen bile hereket edýär. Olar iki görnüşe bölünýär.

**1) kontrar hasaplar;**

**2) dolujy hasaplar**

- **Kontrar hasaplar**: öz gezeginde

a) kontraktiw

b) kontrpassiw toparlara bölünýär.

***Kontraktiw hasaplar***- aktiw hasaplaryň soňky galyndysyny hasaplamak üçin ulanylýar 02, 05, 13. ***Kontrpassiw hasaplar***- passiw hasaplarda soňky galyndyny hasaplamak üçin ulanylýar 81.

- **Dolujy hasaplar**- esasy hasaplardaky emläkleriň soňky galyndysynyň üstüni dolmak bilen hasaplanýar. Mysal üçin: dolujy aktiw hasap bilen 43-nji hasaby alsak ol 46- njy hasabyň üstüni dolýar ýa-da 64-nji dolujy hasap 60- njy hasabyň üstüni dolýar.

***Amaly hasaplar***- amaly hasaplar **paýlaýjy** we **kalkulasion** hasaplara bölünýär.

**Paýlaýjy hasaplar**- smeta boýunça görkezilen çykdajylaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin gerek, şeýle-de aýry-aýry önümler we işler üçin önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin gerek. Paýlaýjy hasaplar ikä bölünýär:

**a)ýygnaýjy paýlaýjy**- öndürilen ýa-da ýerleşdirilen önüme çykdajylary degişli edip bolmaýan ýagdaýlarda ulanylýar. Şonuň üçin ol çykdajylar aýyň ahyryna degişli hasaplar boýunça hasaplanylýar. Mysal üçin: 25, 26

**b)býujet paýlaýjy hasaplar**- aýry- aýry hasabat döwre çykdajylar dagişli etmek üçün ulanylýar. Sebäbi her bir hasabat döwri boýunça öndürilen önümiň gymmaty aýratyn hasaplanýar. Mysal üçün: 31, 83, 89.

**Kalkulasion hasaplar-** hasabat döwründe öndürilen önümiň ýa-da ýerine ýetirilen işiň özüne düşýän gymmatyny toparlamak üçün ulanylýar. Bulara mysal üçün 20, 23, 28, 29, 08. Bu hasaplaryň debeti boýunça aýry-aýry obýektleriň öndürilmegi ýa-da satyn alynmagy görkezilýär. Krediti boýunça öndürilen önümler ýa-da satyn alnan obýektler boýunça işler doly gutarandan soň hakyky emele gelen çykdajylaryň ýapylyşy görkezilýär.

***Deňeşdiriji hasaplar-*** kärhananyň maliýe netijesini hasaplamak üçün ulanylýar. Bu hasaplaryň aýratynlygy şol bir obýektiň hasaby boýunça DT hem-de KT taraplarda amallary ýazylyp netije hasaplanylýar. Bu hasaplara 46, 47, 48 hasaplar mysal bolup bilýär. Hasaplaryň DT-i boýunça önümiň özüne düşýän gymmaty, täjirçilik harajatlary, nds (19) we gaýry serişdeleriň galyndy gymmaty görkezilýär. Kt –i boýunça satylan gymmatlyklardan gelip gowuşan pullar görkezilýär.

***Balansdan daşary hasaplar-*** kärhananyň özüne degişli bolmadyk emläkleriň şeýle-de kärhananyň öz balansynda hasabyny ýöredip bolmaýan töleg borçnamalarynyň, kepillikleriniň, pul resminamalarynyň hasabyny ýöretmek üçün ulanylýar. Mysal üçün: girewine, kärendesine alnan emläkler şeýle-de kärhananyň tölemeli töleg borçnamalary, balans hasabynda hasabyny ýöredýän emläkleriniň resminamalary (maşynyň tehpasporty) mysal bolup bilýär. Bu hasaplara 001, 002, 003, 004, 005, 006, 007, 008, 009, 010 belgili hasaplar degişlidir. Balansdan daşary hasaplaryň gurluş aýratynlygy:

001

| Girdeji | Çykdajy |
|---|---|
| 1 sany | 1 sany |

***9-njy çyzgy.*** Balansdan daşary hasaplaryň gurluş

## *Tema №10: «Hasaplar meýilnamasy, ähmiýeti we onuň bölümleri»*

1. ***Hasaplar meýilnamasy barada düşünje***
2. ***Hasaplar meýilnamasynyň bölümleri***

Kärhanalaryň maliýe hojalyk işleriniň buhgalter hasaba alnyşynyň hasaplar meýilnamasy Türkmenistanyň maliýe mnistrligi tarapyndan tassyklanýar.

**Hasaplar meýilnamasy hojalyk işleriniň hereketleriniň hasapda alnyşyny görkezýän ýeketäk sanawdyr.**

Hasaplar meýilnamasy her bir edara-kärhanada buhgalter hasbynyň gurluşynyň esasy bolup durýar. Halk hojalygynyň dürli pudaklary öziniň hereket edýän pudagyna baglylykda hasaplar meýilnamasyny saýlamaga borçludyrlar. Şoňa görä-de senagatdan tapawutlylykda karz we buýujet edaralary özlerine degişli hasaplar meýilnama laýyklykda hasaby ýöredýärler. Buhgalter hasaba alnyşyň hasaplar meýilnamasyny ulanylyşyň degişli düzgünnama laýyklykda hasap ykdysadyýetiň ähli pudagynda kärhananyň eýeçilik, hukuk guramaçylygyna garamazdan iki taraplaýyn ýazgynyň esasynda ýola goýulmaly. Sebäbi, hasaplar meýilnamasy hojalyk işleriniň hereketini we toparlara bölünşini görkezýär. Hasaplar meýilnamada esasy we kömekçi hasaplaryň atlary we belgileri aňladylýar. Kärhanalar maliýe ministrligi bilen ylalaşyp öz boluşly amallary zerurulyk ýüze çykan halatynda hasapda ýöretmek üçin boş dyran belgileri ulanmak arkaly hasaplar meýilnamasyna goşmaça hasap girizip bilerler. Kömekçi hasaplar seljermäniň, gözegçiligiň we hasabatyň talaplaryny aýdyňlaşdyrýan bolsa, onda kärhanalar şu hasaplary mazmunynda aýdyňlaşdyrmak üçin aýratynlyklaryna baglylykda olary aýryp, birleşdirip şeýle hem goşmaça kömekçi hasaplary girizip bilerler. Analitik hasaplaryň ulanyş tertibi "Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyrjy resminamalaryň düzgünnamasyndan" we hasaba alyşyň kadalaşdyrjy namalaryndan (esasy serişdeleriň, önümçilik ätiýaçlyklaryň, çykdajylaryň) ugur almak bilen kärhananyň özi tarapyndan kesgitlenilýär.

Hasaplar meýilnamasynyň bölümleri barada aýdylanda belli bir yzgiderlilikde ýerleşip 10 sany bölümden ybartdyr.

- Esasy serişdeler we beýleki goýumlar. (01, 09)
- Önümçilik ätiýaçlyklary (10, 19)
- Önümçilik harajatlary (20, 39)
- Taýýar önümler, harytlar we ýerlemek (40, 49)
- Pul serişdeleri (50, 59)
- Hasaplaşyklar (60, 79)
- Maliýe netijeleri we peýdanyň ulanylşy (80, 84)
- Gaznalar we ätiýaçlyklar (85, 89)
- Karzlar we maliýeleşdirmeler (90, 99)
- Balansdan daşary hasaplar (001, 010)

## *Tema №11: «Hojalyk hadysalary, görnüşleri we olaryň buhgalter hasaby»*

1. **Üpjünçilik hadysasy**
2. **Önümçilik hadysasy**
3. **Ýerleşdirmek hadysasy**

Önümçilik ätiýaçlyklary diýip şu aşakdaky aktiwlere düşünilýär:

1. Materiallar
2. Arzan bahaly tiz könelýän zatlar.

**Materiallar şu aşakdaky toparlar boýunça hereket edýärler:**

- çig mallar ;
- satyn alynan ýarym taýýar önümler;
- ýangyç ;
- gap we gap materiallary ;
- ätiýaçlyk şaýlary ;
- gurluşyk materiallar ;
- başgalara gaýtadan işlemäge berlen materiallar;
- gaýry materiallar ;

**Materiallar kärhana şu aşakdaky ýagdaýlarda gelip gowuşýar:**

- **döredijileriň paýy görnüşinde;**
- **kärhananyň özi tarapyndan satyn alynmagy;**
- **maliýe kömeginiň berilmegi, mugt gelip gowuşmagy;**
- **esasy serişdeleriň sökülmeginden**

Materiallar sklatda **analitik hasabyň** esasynda ýörite kartoçkalarda ýöredilýär. Ýagny her bir materialyň görnüşine, hiline, belgisine görä buhgallteriýa bölüminde aýratyn kartoçkalar açylýar. Materiallar ýük ugradyjylardan gelende hasap faktura (näçe materialyň haýsy gymmatda gelendigi görkezýän resminama), haryt – transport nakladnoýy (materialyň haýsy transportda gelendigini görkezýän resminama) onuň bilen billelikde gelýär. Buhgalteriýa bölüminde bolsa bankyň üsti bilen töleg tabşyrygynyň nusgasy gelip gowuşýar. Materialyň ýany bilen gelen resminamalar (fakturalar) önümçilik bölümine geçirilýär. Ol ýerde şertnama boýunça material resminamalary deňeşdirilýär. Eger-de resminamalar deň gelýän bolsa şertnamanyň şertine laýyklykda, onda üpjünçilik bölümi ammar müdürine materiallary kabul etmek barada buýruk berýär. Materiallar kabul edilende girdeji orderi düzülip, oňa ammar müdüri bilen ekispeditor gol çekýär. Eger-de materiallar demir ýol duralgasynda duran bolsa ekispeditoryň adyna "Ynanç haty" ýazylýar. Buhgalteriýa bölüminde ýörite bellige alyş kitapda ol bellik edilýär. Onuň bilen ekispeditor materiallary alýar we getirip ammara tabşyrýar. Eger-de harytlar, materiallar ýükelenip ugaradylan konteýnerleriň plombasy bozulan bolsa, gaplar döwlip, ýenjilen bolsa, materiallar ellenmän hökmany suratda ýörite düzilen topar (komissiýa) bilen kabul edilýär. Toparyň (komissiýanyň) agzalary materiallary sanap kabul edenlerinde täjirçilik kabul ediş delilnamasyny düzýärler.

Esasy serişdeleriň sökülmeginden girdeji edilen materiallar kabul edilende skalada nakladnoý düzilýär. Kärhananyň ammaryndan materiallar goýberlende şu resminamalar ulanylýar:

1. Limit alyş kartoçkasy - materialyň sarp ediş mukdaryny görkezýän resminama.

2. Talapnama – sklatdan material gymmatlyklary göýberlende haýsy tarapa berilenligini görkezýän resminama.
3. Çykdajy order
4. Nakladnoý
5. Gaýry ýerlere goýbermekli nakladnoýy.

Materiallaryň **sintetiki hasaby** 10-njy aktiw hasapda ýöredilýär. Onuň girdeji edilmegi debet tarapda, sarp edilmegi, çykdajy edilmegi kredit tarapda görkezilýär.

**Materialllar gelip gowşanda şu aşakdaky buhgalteriýa ýazgylary edilýär:**

1. Şertnamanyň esasynda üpjün edijilerden gelip gowşanda

DT 10 +
KT 60 –

2. Nagyt görnüşinde bölek az möçberde hasabat astynda satyn alynanda

DT 10 +
KT 71 –

3. Materiallar önümçilikden (sehden) gelip gowşanda

DT 10 +
KT 20, 23 –

4. Esasy serişdeleriň sökülmeginden, ýykylmagyndan alynan materiallar

DT 10 +
KT 47 –

5. Döredijilerden paý görnüşinde gelip gowşanda

DT 10 +
KT 75 +

6. Kärhana materiallar mugt gelip gowşanda

DT 10 +
KT 80 +

**Materiallar çykdajy edilende aşakdaky buhgalteriýa ýazgylary düzülýär**

1. Esasy önümçilige goýberlende

DT 20 +
KT 10 –

2. Kömekçi önümçilige material goýberlende

DT 23 +
KT 10 –

3. Sehiň hojalyk işlerine material goýberlende

DT 25 +
KT 10 –

4. Kärhananyň umumy hojalyk işlerine material goýberlende

DT 26 +
KT 10 –

5. Brak önümleri düzetmek üçin materiallar goýberlende

DT 28 +
KT 10 –

6. Materiallar başga ýere satylanda

DT 48 –
KT 10 –

**Taýýar önüm diýip - kärhanada işlenip gutarylan belli bir standartlara we tehniki şert;eriň talaplaryna gabat gelýän gözegçilik bölümi ýa-da alyjy tarapyndan kabul edilen we sklada tabşyrylan önümlere aýdylýar.**

Buhgalter hasabynyň öňünde taýýar önümleri çykarmak, ugratmak, satmak boýunça şu aşakdaky wezipeler durýar:

1. Taýýar önümiň çykarylyşyna, onuň sklatlardaky ätiýaçlyklarynyň saklanylyşyna gözegçilik etmek.
2. Ugradylan önümleri öz wagtynda we dogry resmileşdirmek hem-de alyjylar bilen hasaplaşygy dogry guramak.
3. Şertnama boýunça meýilleşdirlen önümiň möçberiniň we görnüşiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.
4. Satylan önümler üçin alynan töleg möçberleriniň öz wagtynda gowuşmaga, olary öndürmäge we satmaga edilen harajatlaryň takyk hasaplanylmagyna gözegçilik etmek we peýdanyň möçberini kesgitlemek.

Taýýar önümiň hereketiniň gündelik hasaby şertli bahalarda alynyp barylýar. Bu bahalara "Hasap gymmaty" diýilýär. Hasap gymmatyna şulary degişli edip bolýar.

1. Meýilnama boýunça önüçilige düşýän gymmat.
2. Şertnamanyň gymmaty.
3. Bölek satuw gymmaty.
4. Lomaý gymmaty.

Haýsy gymmaty ulanylmalydygyny käärhananyň özi çözýär. Aýyň ahyrynda kärhanada öndürilýän önümiň gymmaty hsaplanylýar. Hakyky gymmat hasap nyrhlardan tapawutly bolup az ýa-da köpdir. Taýýar önümiň hereketini dogry gurnamak üçin onuň nomenklaturasyny düzmeli.

**Nomenklatura bu kärhanada öndürilýän önümiň görnüşiniň sanawy:** Nomenklaturany kärhananyň şu aşakdaky bölümleri ulanýarlar.

1. Distpetçer bölümi – önümiň çykarylşynyň grafiginiň gözegçiligi üçin.
2. Sehler – önümiň görnişine gözegçilik we sklada tabşyrlanda nakladnoý ýazmak üçin.
3. Marketing bölüm – önümi ugratmakda şertnama gözegçilik etmek üçin.
4. Buhgalteriýa bölümi – analitik hasaby ýöretmek we hasabaty düzmek üçin.

Önümler önümçilikden çykarlanda sklada şu aşakdaky resminamalaryň tabşyrylmagy mümkin.

- Kabul ediş we tabşyryş nakladnoýy
- Delilnama (akt)
- Wedomost
- Meýilnama kartoçkalary we ş.m

Her bir edara kärhananyň öz ulanylýan resminamasy bolup, şol resminama boýunça sklada tabşyrylýar. Taýýar önüm sehden çykarylanda buhgalteriýa bölümi wedemostyň, nakladnoýyň, delilnamanyň esasynda şeýle geçirme düzýär.

DT 40

KT 20

Ýagny taýýar önümiň hasaby 40-njy aktiw hasapda ýöredilip, onuň debetinde skalda kabul edilýän taýýar önümler, kreditinde skaltdan göýberlen taýýar önümler görkezilýär.

**Öndürilen önüm ýerleşdirildi diýip şu aşakdaky iki ýagdaýda hasap edilýär:**

1. Önümiň tölegi edaranyň hasaplaşyk hasabyna gelip gowşan güni.
2. Öndürilen önüm alyja tabşyrlan güni.

Ýerleşdirlen önümleriň hasaby 46-njy deňeşdirji hasapda ýöredilýär.

***1-nji usulda önümi ýerlemek boýunça şeýle ýazgylar edilýär:***

- Taýýar önüm sklatdan goýberlende

DT 45 +
KT 40 –

- Ýerleşdirlen önüm boýunça töleg gelip gowşanda

DT 51 +
KT 46 +

- Ýüklenip ugradylan harytlar hasapdan öçürilende

DT 46 –
KT 45 –

***2-nji usulda önümi ýerlemek boýunça şeýle ýazgylar edilýär:***

- Önümler ýerlenen ýagdaýynda.

DT 62 +
KT 46 +

- Sklatdan önüm goýberlende

DT 46 –
KT 40 –

- Täjirçilik harajatlary önümiň gymmatyna geçirilende.

DT 46 –
KT 43 –

- GBSS-yň möçberi önümiň gymmatyna geçirilende.

DT 46 –
KT 19 –

- Ýerleşdirilen önüm boýunça töleg gelip gowşanda.

DT 51 +
KT 62 –

- Ýerleşdirilen önümiň hasabyna peýdanyň gazanylmagy.

DT 46 –
KT 80 +

- Kärhananyň zyýana galmagy:

DT 80 –
KT 46 +

**A-P**

**DT 46 KT**

7-nji tablisa

| | **$S_1$ = 0 girdeji** |
|---|---|
| | 1) 10 000 000 |
| 2) 7 000 000 | |
| 3) 300 000 | |
| 4) 1 500 000 | |
| 5) 1 200 000 | |
| Aý=10 000 000 | Aý=10 000 000 |

| | |
|---|---|
| | $S_2=0$ |

***Tema №12: «Buhgalter hasabynyň resminamalary we olaryň topara bölünişi»***

1. **Resminama barada düşünje**
2. **Resminamalaryň toparlara bölünişi**
3. **Ýalňyşlary düzetmegiň usullary**

Hojalyk amallaryň her biri mazmunyna we göwrümine garaş-syzlykda bolup geçýän pursatynda resminama bilen resmilleşdirilýär.

**Resminamalar-hojalyk amallaryny berjaý etmäge ýazmaça görkezmedir ýa-da amallaryň hakykatdan-da bolup geçendiginiň tassyknamasydyr.**

Ýazylan görnüşinde resminamalaşdyrma kärhananyň hojalyk işleri hakynda maglumat almagyň möhüm çeşmesidir.

**Resminama doldurylanda aşakdakylary berjaý etmeli:**

- Resminamalar EHM bilen, syýa bilen doldurylan bolmaly
- Resminama arassa, düşnikli, aýdyň doldurylmaly
- Pul resminamalaryna düzediş girizmek gadagan
- Töleg-hasaplaşyk resminamalaryna düzediş girizilen ýagdaýynda, düzedýän tarap näme üçin, haçan düzedýändigini görkezip tassyklamaly

**Resminamalarda şu görkezijiler hökmandyr**

- Resminamanyň ady
- Düzülen wagty
- Amallaryň mukdary we möçberi
- Gatnaşýan taraplaryň gollary
- Başgalar

Şu görkezijilerden başga-da resminamalaryň öz häsiýetlerine baglylykda bir näçe görkezijileriň bolmagy mümkin. Resminamalaryň ähmiýeti hadysany derňemekligiň netijeliligi bilen düşündirilýär. Şol sebäpli her bir bolup geçýän amal resmilleşdirilýär.




10-njy çyzgy. Resminamalaryň görnüşleri

**Hasap işinde ýalňyşlary düzetmegiň üç usuly tapawutlanýar:**

**- ýalňyşyň üstüni çyzmak usuly (КОРРЕКТУРА)**

Buhgalter žurnaly, balans düzülmäňkä ýalňyz ýüze çykarylanda ulanylýar. Ýagny, goýberilen ýalňyz hasap işi gutarmaňka buhgalter ýazgysyna täsir etmäňkä jemleýji maglumatlarda şol ýalňyşyň möçberi hasaba alynmanka ulanylýar. Goýberilen ýalňyş gerek däl diýilip bellik edilýär we gol bilen tassyklanylýar.

**- goşmaça buhgalter ýazgysyny geçirmek usuly**

Bolup geçen amaly ýokardaky usul boýunça düzedip bolmadyk ýagdaýynda, ýagny düzülen buhgalter geçürmesiniň möçberi azaldylyp ýazylanda ulanylýar. Bu ýagdaýda ýetmeýän möçbere goşmaça täze buhgalter geçirmesi düzülýär. Mysal üçin: Kassadan hasabat astynda 80 (Segsen) manat pul goýberilmegiň ýerine 8 (Sekiz) manat goýberildi diýilip ýalňyş buhgalter ýazgysy düzülýär.

| | |
|---|---|
| **1. Dt 71 80** | **2. Dt 71 + 72** |
| **Kt 50** | **Kt 50 -** |

**- düzediş buhgalter ýazgysyny geçirmek usuly.** Amal boýunça geçirmeli möçberden artykmaç möçbere, başga hasaba buhgalter ýazgysy geçirilen bolsa ulanylýar. Ýagny, jemleýji žurnal, buhgalter balansy düzülenden soňra ýüze çykarylan ýalňyş gyzyl syýa bilen bellige alynýar we doly anulirlenilýär. Düzediş işi “Düzediş memorial orderi” bilen resmilleşdirilýär. Mysal üçin: A-wariantda-Hasabat astynda 80 (Segsen) manadyň ýerine 800 (Sekiz ýüz) manat berildi diýilip hasaba alynýar.

| | | |
|---|---|---|
| **A** | **1. Dt 71 + 800** | **2. Dt 50 + 720** |
| | **Kt 50 –** | **Kt 71 –** |

Şeýle-de B-wariantda 70-nji hasabyň ýerine 71-nji hasap bilen gatnaşyga çykylýar.

| | | |
|---|---|---|
| **B** | **1. Dt 70 – 80** | **2. Dt 71 + 80** |
| | **Kt 50 –** | **Kt 70 +** |

## *Tema №13: «Tükelleme barada düşünje we onuň gelip çykyşy»*

1. ***Tükelleme barada düşünje we onuň gelip çykyşy***
2. ***Tükellemäniň maksady we wezipeleri***
3. ***Tükellemäniň görnüşleri***
4. ***Tükelleme geçirmegiň tertibi we onuň netijesi***

**Tükelleme geçirmek diýip-kärhananyň borçnamalarynyň, haryt-material gymmatlyklarynyň hakykatda barlygyna we olaryň ýagdaýynyň barlanylmagyna we resmi taýdan tassyklanylmagyna, olara berilýän baha düşünilýär.**

Türkmenistanyň “Buhgalter hasaba alynyşy hakynda” kanuny, Aşgabat, 1996

**Tükelleme-maddy we maddy däl gymmatlyklaryň hakykatdaky sanynyň hasap resminamalardaky sany bilen deňeşdirilmegidir.**

Основы бухгалтерского учёта, Оганесян А.А., Печерская Т.А., Москва, 2002г.

Ilki-ilkiler tükellemek sözüniň düýbi latynçadan terjime edilende sanaw, sanap ýazgy etmek diýilen manylary berýän „inventarium” diýilen sözden gelip çykan diýilip hasap edilýär. 1713-nji ýyldan bäri “inventar” diýilen nemes sözi terjime edilende tükelleme sözüniň düýp sözi hasaplanylýar.

Oguz han döwründe üçe bölünen halkyň hasapçylaryna maly we dowary jem etmek; harç etmek; girdejini we çykdajyny hasaplamak tabşyrylypdyr. Gadymy Müsürde tutuş ýurt boýunça Gadymy Müsürde b.e. öň 3400-2980 ý.ý. iki ýyldan bir gezek gozgalýan we gozgalmaýan emläklere tükelleme geçirilipdir. Onuň sebäbi-ähli emläkler faraona degişli bolany üçin gozgalýan we gozgalmaýan emläkleriň ýagdaýy anyk we kesgitli ýöredilipdir. Sanaw **papirus** diýilen köpýyllyk suw ösümliginden edilen kagyzyň ýüzünde ýazylypdyr. Ýyl-**gara** syýa bilen ýazylsa, aý bilen günler **gyzyl** syýa bilen ýazylypdyr. Gündeki hasap **gara** syýa, jemleýji hasabyň sanlary bolsa **gyzyl** syýa bilen ýöredilipdir.

Puly tükellemek taryhda ilki bilen gadymy Gresiýada ýüze çykýar. Ýagny, ýetirilen zyýanyň öwezini pul bilen ölçäpdirler.

### Tükellemäniň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- esasy serişdeleriň, haryt-maddy gymmatlyklarynyň we pul serişdeleriň hakyky bar bolanlaryny, şeýle hem iş ýüzünde tamamlanmadyk önümçiligiň möçberini ýüze çykarmak;
- hakyky ýerinde bar bolan zatlary buhgalterlik hasaba alnyşdaky maglumatlar bilen deňeşdirmek arkaly maddy gymmatlyklaryň we pul serişdeleriň aýawly saklanmagyna gözegçilik etmek;
- ilki başdaky hilini kem-käsleýin ýitiren, könelişen nusgaly we biçüwli haryt-maddy gymmatlyklary ýüze çykarmak;
- soňundan ýerlemek maksady bilen, çäkden artykmaç we peýdalanylmadyk maddy gymmatlyklary ýüze çykarmak;

- maddy gymmatlyklaryň we pul serişdeleriniň saklanyş düzgünleriniň we şertleriniň, şeýle hem maşynlaryň, enjamlaryň we beýleki esasy serişdeleriň saklanyş we ulanyş düzgünleriniň berjaý edilişini barlamak;
- balansda nazarda tutulan haryt-maddy gymmatlyklaryň, pulhanalardaky, bank edaralaryndaky hasaplaşyk we beýleki hasaplardaky pul serişdeleriniň, ýoldaky pul serişdeleriniň, algy-bergileriň, tamamlanmadyk önümçiligiň we balansyň beýleki maddalarynyň hakyky bahasyny barlamak.

**Tükellemäniň esasy maksatlary:**

- Hakyky bar bolan gymmatlyklaryň hasapdaky sanawy bilen deň gelmegi-**aktiwleriň goraglylygyny üpjün etmek;**
- Kärhananyň bergi-borçlarynyň öz wagtynda ýapylmagy üçin hasapdaky algy-bergileriň seljerilmegi-**tölege ukyplylygy gazanmak.**

**Tükelleme şu aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär:**

- kärhananyň emlägi kärendä berlende;
- kärhananyň emlägi satyn alynanda;
- bir ýyllyk maliýe hasabatynyň düzülmesiniň öň ýanynda;
- maddy taýdan jogapkär adam çalşylanda;
- ogurlyk halatlary ýüze çykanda we gymmatlyklar zaýalananda;
- ýangyn ýa-da tebigy bela dörände

**Tükelleme geçirilende käbir çapraz düşmeleriň sebäbi:**

- serişdeleriň saklanýan wagtynda kadaly howa öertleriniň üpjün edilmezligi, arassaçylyk çäreleriniň ýola goýulmazlygy;
- serişdeler kabul edilende we goýberilende nätakyklyklara, ýalňyşlyklara ýol berilende (aktiwleriň görnüşleri ýa-da hili çalşylan ýagdaýynda)
- nädogry jemlemeleriň bolmgy we ilkinji resminamalaryň ýalňyş düzülmegi

8-nji tablisa. Tükellemäniň görnüşleri

| № | GÖRKEZIJILER | TÜKELLEMÄNIŇ GÖRNÜŞLERI | TAPAWUTLY AÝRATYNLYKLARY |
|---|---|---|---|
| 1 | Geçiriliş tertibi boýunça | Hökmany tertipde | Türkmenistanyň kanuny esasynda |
| | | Teklip boýunça | Ýolbaşçynyň karary bilen |
| 2 | Geçirilýän döwri boýunça | Meýilnamalaşdyrylan | Kesgitlenen möhletiň esasynda |
| | | Meýilnamadan daşary | Ýolbaşçynyň karary bilen ýa-da ýokary guramalaryň görkezmesi bilen |
| 3 | Gurşap alyş derejesi boýunça | Doly | Emläkleriň we borçlaryň ählisiniň tükellenmegi |
| | | Bölekleýin | Emläkleriň we borçlaryň belli bir böleginiň tükellenmegi |
| 4 | Geçiriliş usuly boýunça | Maddy taýdan | Dürli ölçeg birlikleriniň kömegi bilen emläkleri barlanylmagy |
| | | Resmi taýdan | Emläkleriň we borçlaryň resminamalar arkaly barlanylmagy |

Tükelleme geçirilende hasap we işçi toparlary döretmek üçin olaryň agzalarynyň düzümini saýlap alýarlar we olar buýruk bilen kärhananyň başlygy tarapyndan tassyklanýar. Şol topara başlyk bellenilýär. Tükelleme geçirilýän pursatynda bar bolan maddy gymmatlyklar sanawda görkezilýär we işçi toparyň düzen maglumatlary hasap toparyna barlaga geçirilýär. Sanawdaky her bir görkezilen zatlaryň möçberleri deňeşdirilip artyk we kem çykmalar **deňeşdiriji wedomostda görkezilýär.** Deňeşdiriji wedomostyň esasynda hasap topary netije çykarýar. Artyk zatlar girdeji edilýär, kem zatlar seljerilýär. Kem çykmalar seljerilende şular ýüze çykarylýar:

- ammardaky maddy gymmatlyklaryň hiliniň görnüşiniň bulaşyklygy;
- tebigy ýitgileriň bolmagy;
- jogapkär tarapyň günäli bolmagy;

1-nji ýagdaýda kem zatlar artyk zatlaryň hasabyna ýapylýar,
2-nji ýagdaýda kem zatlar harajatlaryň hasabyna ýapylýar,
3-nji ýagdaýda kem zatlar jogapkär işgär tarapyndan ýerine goýulýar. Barlagyň netijesi delilnama bilen jemlenilýär.

**Artyk çykmalar aşakdaky ýaly hasaba alynýar:**

**1.Ammarda materiallar, arzan bahaly tiz könelýän zatlar artyk gelende:**
DT 10,12
KT 80

**2.1.Kassada artykmaç pul ýüze çykarylanda:**
DT 50
KT 80

**2.2.Eger-de kärhana döwlet kärhanasy bolsa:**
DT 50
KT 68

**2.3.Şol artykmaç pul hasaplaşyk hasabyna geçirilende:**
DT 51
KT 50

**2.4.Hasaplaşyk hasabyndaky serişde býujete geçirilende:**
DT 68
KT 51

**3.Esasy serişdeleriň artykmaçlygy hasaba alynanda:**
DT 01
KT 80

**4.Taýýar önümleriň artykmaçlygy hasaba alynanda:**
DT 40
KT 80

**Kem çykmalar aşakdaky ýaly hasaba alynýar:**

**1.Ýetmezçilik hasaba alynanda**
DT 84
KT 10,50

**2.Ýetmezçilik jogapkär işgäre degişli edilende:**
DT 73/3
KT 84

**3.Işgär tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezi nagt we nagt däl görnüşinde tölenende:**
DT 50,70
KT 73/3
**4.Tebigy hadysalar boýunça ýetmezçilik çykdaja degişli edilende:**
DT 20,23,25,26
KT 84

### *Tema №14: «Hasap belliknamalary barada düşünje we olaryň ähmiýeti»*

Serişdeleriň barlygy we olar bilen bagly amallaryň buhgalter hasabynda resminamalarda bellige alynmagy we toparlanmagy, hasap belliknamalarynda amala aşyrylýar.

**Hasap belliknamalary ýörite bellige alyş buhgalter resminamalaryň toparydyr.**

Hasap belliknamalary: daşky görnüşi, ýazgylary geçiriliş usuly, hasap maglumatlary anyklaýyş derejesi, gurluşy boýunça toparlara bölünýärler.

1. **Daşky görnüşi boýunça hasap belliknamalaryna_- buhgalter kitaplary, kartoçkalar, wedomostlar degişlidir.** **Buhgalter kitaplary** belli bir formatda bolup olaryň sahypasy hökman belgilenilýär. Bu kitaplaryň içinden ýüplük geçirilýär, soňundan hem ýüplük daňylyp sürgüçlenilýär hem-de kärhananyň möhüri basylyp baş hasapçy tarapyndan tassyklanylýar. Möhür goýlan ýerde kitabyň näçe sahypadan ybaratdygy ýazylýar. Bu kitabyň iki taraplaýyn gurluşy bardyr. Birinji tarapynda debet boýunça, ikinji tarapynda kredit boýunça geçirilýän ýazgylar görkezilýär. Buhgalter kitaplaryna mysal edip: baş kitaby, kassa kitaby, sklad kitaby... alsak bolýar. Bu kitaplaryň artykmaçlygy olaryň sahypalaryny täzeläp, çalşyryp bolmaýanlygyndadyr. Şeýle-de, ondaky maglumatlar belli bir döwrüň içinde jemlenendir. Bu kitaplaryň ýetmezçiligi hasap işgärleriniň arasynda zähmet bölünişigini geçirip bolmaýanlygyndadyr.
   **Kartoçkalar** –ýörite ýukajyk karton kagyzdan belli bir standart boýunça ýasalan aýry-aýry listlerdir. Olar ýörite ýaşiklerde, kartotekalarda saklanylýar. Kartoçkalar hasap işgärleriniň arasynda zähmet bölünşigini geçirmäge mümkinçilik berýär. Kartoçkalar ýitmez ýaly bellige alyş depderlerde bellenilýär we ol belgi onuň ýüzüne geçirilýär. Kartoçkalar hasap maglumatalary toparlama we geçiriji ýazgylary geçirmäge mümkinçilik berýär.
   **Wedomostlar** – häzirki zaman buhgalter hasabyny esaslandyryp ähli buhgalter ýazgylarynda hasap belliknamasy bolup çykyş edýär. Olar aýry-aýry listlerde, dürli ölçegde bolup papkalarda saklanylýar. Ýerine ýetirilýän amala laýyklykda, olaryň her haýsynyň öz ady bar: žurnal orderi, aýlanşyk galyndy wedomosty, mukdar-san, san kontokorrent wedomosty ... Olarda hökman hasabat döwri görkezilýär.
2. **Ýazgy geçiriliş usuly boýunça hasap belliknamalary:**
   **a)** hronologik - amallaryň yzygiderliligi boýunça
   ***b)*** sistemalaýyn – ulgamlaýyn
   ***ç)*** kombinirlenen – utgaşdyrylan

   **Hronologik belliknamalar** – hojalyk amallarynyň ýerine ýetirilişine we olar boýunça resminamalaryň buhgalteriýa bölümine gelip gowuşmagyna baglylykda ulanylýar. Hronologik belliknamalaryň ähmiýeti - buhgalter ýazgylarynyň doly geçirilmeginden we gelip gowşan resminamalaryň goraglylygyndan ybaratdyr.
   **Sistemalaýyn belliknamalar** – bir taraplaýyn hojalyk amalyny bellige almak üçin ulanylýar. Mazmuny boýunça sintetik we analitik hasaplara bölünýär.

**Kombinirlenen belliknamalar** – hronologik we sistemalaýyn ýazgylary öz içine alýar.

3. **Hasap maglumatlaryny anyklaşdyryş derejesi boýunça hasap belliknamalary** - sintetik we analitik görnüşde hereket edýär. Sintetik belliknamalar özünde gymmat ölçegindäki maglumatlary saklaýar. Ol maglumatlar hasap belliknamasyna resminamanyň belgisi we geçirlen senesi boýunça bellenilýär. Oňa mysal edip: baş kitaby, žurnal orderleri, wedomostlary alsak bolýar. Analitiki belliknamalar dürli ölçeg birliklerinde maglumatlary özünde saklap, hojalyk amaly barada gerek bolan aýdyň maglumatlary berýär. Bu belliknamalara mysal edip: kartoçkalar, analitik hasabyň wedomostlary degişli bolup durýar.
4. **Gurluşy boýunça hasap belliknamalary –** bir taraply, köp taraply, köp sütünli, göni çyzyk, şahmat görnüşlere bölünýär.

*Tema №15: «Buhgalter hasabynyň ýöredilişiniň görnüşleri»*

1. **Memorial order görnüşi**
2. **Žurnal-order görnüşi**
3. **Awtomatlaşdyrlan görnüşi**

**Buhgalter hasabynyň memorial order görnüşi** 1927-1928-nji ýyllarda ýüze çykyp hasap maglumatlary memorial-orderde jemlenip, bellige alyş žurnallarda ýazylyp soňundan hem baş kitapda jemlenilýär. Buhgalter hasabynyň memorial görnüşi özüniň ýönekeýligi we hasap maglumatlaryny yzygiderli jemleýändigi bilen tapawutlanýar. Bu hasabyň görnüşinde analitiki hasabyň belliknamalary, hasap maşynlary, bellige alyş göçürme usullary giňden ulanylýar. Memorial orderleriň bellige alyş žurnalyndaky buhgalter geçirmeleri aýma-aý jemlenilýär we bu žurnalda her bir memorial ordere aýratyn hemişelik tertip nomer berkidilýär. Memorial orderdäki maglumatlar her bir hasap boýunça baş kitaba geçirilýär. Baş kitapda sintetiki hasaba degişli maglumatlar aýratyn listde jemlenilýär. Onuň çep tarapynda debet, sag tarapynda kredit ýazgylary geçirilýär. Baş kitabyň maglumatlary sintetiki hasabyň diňe aýlanyşygyny görkezýändir, ýagny galyndy çykarylmaýar.Baş kitabyň maglumatlarynyň esasynda aýlanyşyk-galyndy wedomosty düzülýär. Bu wedomostyň debet we kredit maglumatlary bellige alyş žurnalynyň we memorial orderleriň maglumatlary bilen deňeşdirilýär.

**Buhgalter hasabynyň memorial order görnüşiniň ýetmezçilikleri:**

1. Köp möçberde zähmet talap edýänligi (bellige alyş žurnaly, memorial order, baş kitap, aýlanşyk galyndy wedomosty, balans);
2. Analitiki hasap bilen sintetiki hasabyň arabaglanşygynyň üzülmegi.

9-njy tablisa. Memorial orderiň çyzgysy

Memorial order №3

03.04.09.

| Senesi | Amalyň mazmuny we esasy | Hasaplaryň ýazgylary | | Jemi |
|---|---|---|---|---|
| | | Debet | Kredit | |
| 03.04.2009 | Zähmet hakyny tölemek üçin №183865 | 50 | 51 | 450 000 |
| 06.04.2009 | №145 girdeji kassa orderi hasabat astyna alynan ar-tykmaç serişde | 50 | 71 | 60 |
| ----- | ----- | ----- | ----- | ----- |
| | Jemi | | | 450 060 |

Baş buhgalter: Waşenko O.P. ____________

10-njy tablisa. Belliknama žurnalynyň çyzgysy

**Belliknama žurnaly**

Gurbansoltan aýy

| Memorial orderleriň tertip bellikleri | Memorial orderleriň senesi | Memorial orderleriň jemleriniň möçberi |
|---|---|---|
| 1 | 01.04.2009 | 850 000 |
| 2 | 01.04.2009 | 1 050 000 |
| 3 | 03.04.2009 | 450 060 |
| 4 | 03.04.2009 | 200 |
| 5 | 06.04.2009 | 120 000 |
| Jemi | Gurbansoltan aýy boýunça | 2 470 260 |

11-nji tablisa. Baş kitabyň çyzgysy

## Baş kitabyň 50-nji kassa hasaby boýunça sahypasy

| 50-nji hasabyň debetine | | | | | | | 50-hasabyň kreditine | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Senesi | Memorial order | Hasaplaryň krediti | | | | Jemi | Senesi | Memorial order | Hasaplaryň debiti | | | | Jemi |
| | | 51 | 71 | | | | | | | | | | |
| 03.04.09 | 1 | 140 000 | | | | | | | | | | | |
| 06.04.09 | 6 | | 60 | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| Jemi | | | | | | | Jemi | | | | | | |

**Buhgalter hasabynyň žurnal-order görnüşi** öňki SSSR-de, 1940-njy ýyllarda hereket edip başlap, şol döwletiň düzümine girýän hemme ýurduň pudaklarynyň kärhanalarynda 1960-njy ýylyň ýanwar aýyndan ýeke-täk görnüşi

eýeledi. Bu hasabyň görnüşiniň ady hasapda žurnal-orderiň giňden ulanylmagy bilen düşündirilýär. Buhgalter hasabynyň bu görnüşinde hasap ýöretmek boýunça iki sany hasap belliknamary ulanylýar:

1. Žurnal order
2. Kömekçi wedomost

**Žurnal order boýunça hasap ýöretmekligiň aýratynlyklary şulardan ybarat:**

1. hojalyk amallary boýunça žurnal-orderdäki ýazgylar kredit aýlanşygy boýunça jemlenilýär;
2. žurnal-orderde sintetiki we analitiki hasabyň maglumatlary utgaşdyrylýar;
3. žurnal-orderlerde amallaryň yzygiderliligi boýunça berilýän maglumatlar ulgamlaşdyrylan maglumatlar bilen goşulýar;
4. žurnal-orderdäki hojalyk amallarynyň maglumatlary hasabat maglumatlaryny däzmek we barlamak üçin elýeterli.

12-nji tablisa.Žurnal orderiň çyzgysy

**Žurnal order**

**51-nji hasaplaşyk hasaby kreditden**

| Senesi | Debetlenýän hasaplar | | | | Kreditiň jemi |
|---|---|---|---|---|---|
| | №50 | №60 | №68 | №69 | |
| 02.04.09 | 450 000 | 300 000 | | | 750 000 |
| 05.04.09 | | | 49 000 | | 49 000 |
| 16.04.09 | | 10 000 | | 20 000 | 30 000 |
| —— | —— | —— | —— | —— | —— |
| Jemi | 450 000 | 310 000 | 49 000 | 20 000 | 829 000 |

13-nji tablisa.Baş kitabyň çyzgysy

**Baş kitabyň 51-nji hasaplaşyk hasaby boýunça sahypasy**

| Aý | Debet aýlanyşyk | | | | | | | DT | KT | Saldo | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 50 | 60 | 62 | 63 | 71 | 76 | --- | | | DT | KT |
| 00.09 | | | | | | | | | | 711 000 | |
| 01.09 | 4 000 | | 120 000 | | | | | 124 000 | 25 000 | 810 000 | |
| 02.09 | | | 110 000 | 1 000 | | | | 111 000 | 80 000 | 841 000 | |
| 03.09 | 1 000 | | | | 500 | | | 1 500 | 829 000 | 13 500 | |
| — | — | — | — | — | — | — | — | — | — | — | — |
| 12.09 | 5 000 | | 30 000 | 1 000 | 500 | | | 36 500 | 12 000 | 38 000 | |

**Buhgalter hasabynyň awtomatlaşdyrylan görnüşi** elektron hasap maşynlarynyň giňden ulanylmagy bilen düşündirilýär. Ýagny, EHM–nyň giňden ulanylmagy hojalyk amallarynyň awtomatlaşdyrylmagyna getirde. EHM-de maglumatlar ilki bilen taýýarlanylýar, işlenilýär, soňundan hem jemlenilýär. Awtomatlaşdyrylan görnüşiniň tehnologik gurluşy 4-e bölünýär:

**1. Başlangyç döwür-**Hasap maglumatlarynyň ýygnalmagy, bellige alynmagy we olaryň ilkinji işlenilmegi üçin EHM-re geçirilmegi amala aşyrylýar.

**2. Ikinji döwür-**hasap maglumatlarynyň galyndylary boýunça, aýlanşygy boýunça, hojalyk amallarynyň toparlary boýunça maglumatlarynyň toparlanmagy amala aşyrylýar.

**3. Üçünji döwür-**maglumatlaryň işlenilmegi we gözegçiligi, ýagny amaly we analitiki hasap boýunça maglumatlaryň alynmagy amala aşyrylýar.

**4. Dördünji döwür-**gerekli maglumatyň analitiki we sintetiki hasaplar boýunça belli bir senä ulanyjy buhgalteriň talabyna laýyklykda berilmegi amala aşyrylýar.

## *Tema №16: «Maliýe hasabaty: ähmiýeti we görnüşleri»*

### 1.Maliýe hasabaty barada düşünje

## 2.Maliýe hasabatynyň görnüşleri

**Maliýe hasabaty-şol kärhananyň hasabat döwründäki emläk we maliýe ýagdaýyny görkezýän görkezijiler ulgamydyr, şeýle hem onuň hasabat döwründäki işiniň maliýe netijeleridir.**

Eýeçiliginiň we işiniň görnüşine garamazdan, hojalyk işini alyp barýan hem-de edara görnüşli tarap bolup durýan, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde bellige alynan ähli kärhanalar, şol sanda daşary ýurt kärhanalary (şahamçalary, wekillikleri we beýleki düzümleýin bölümleri hem), şeýle-de esasy işi Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän, emma hojalyk we söwda-dellalçylyk işinden girdeji alýan edaralar maliýe hasabatyny düzýärler.

Maliýe hasabatynyň bir kysymly görnüşleri bilelikde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

Maliýe hasabatynyň tassyklanylan bir kysymly görnüşleri ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, häkimlikleriň, eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan, Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen kärhanalaryň ählisi üçin hökmandyr.

**Kärhananyň ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň düzümine şular degişli:**

- "Kärhananyň balansy", № 1- maliýe görnüş;
- "Maliýe netijeler we olaryň ulanylşy baradaky hasabat", № 2- maliýe görnüş;
- "Pul serişdeleriň hereketi barada hasabat", № 4-maliýe görnüş;
- "Kärhananyň balansyna goşundy", № 5- maliýe görnüş;
- maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy;
- hökmany auditorlyk barlagyna degişli bolan kärhanalar üçin auditorlyk netije.
- Kärhanalar salgyt gulluklaryna salgyt hasaplamalaryny, girdejiler we çykdajylar barada beýannamany we salgyt boýunça ulanylýan kanunlarda bellenilen hasaplamalar hem-de tölegler üçin zerur bolan beýleki resminamalary hem berýärler.

**Ähli kärhanalar maliýe hasabatlary bilen bilelikde şu aşakdakylary hem berýärler:**

"Bergidarlar we algydarlar barada aýdyňlaşdyrma ýazgysy". Şonda, bergidarlaryň, algydarlaryň we olaryň ýokary guramasynyň doly atlary, algy-berginiň näme üçin we haçan dörändigi, soňky gezek özara hasaplaşyk barlagynyň haçan geçirilendigi we üzlüşmek üçin geçirilýän çäreler görünmeli.

Kärhanalar özleriniň ýokary guramalaryna, döredijilerine "Bergidarlar we algydarlar barada aýdyňlaşdyrma ýazgysy" bilen bilelikde algy-berginiň özara barlagynyň delilnamasynyň nusgasyny hem goşup berýärler.

-"Kärhananyň önüm (iş, hyzmat) öndürmeklige eden harajatlary barada hasabaty", "Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň" tassyklan № 5-H görnüşi.

Bulardan başga-da, döwlet eýeçiligindäki kärhanalar, guramalar, edaralar, birleşikler, ministrlikler we pudak edaralary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 2002-nji ýylyň 11-nji noýabryndaky 120 belgili buýrugy bilen tassyklanylan şu aşakdaky görnüşleri hem maliýe hasabatyna goşup berýärler:

- "Pudakiçi algy-bergiler hakyndaky maglumatlar", Buýrugyň 3-nji goşundysy.
- "Hasabat gününe, özara algy-bergileriň hasaplaşygynyň geçirilişi barada maglumat", "Özara algy-bergileriň pudakiçi hasaplaşygyny geçirmegiň wagtlaýyn tertibiniň" 5-nji goşundysy.

Maliýe hasabatlaryna şahamçalaryň, wekilllikleriň we beýleki düzümleýin kiçi bölümleriň, şol sanda özbaşdak balansa geçirilenleriniň hem işleriniň görkezijileri girizilýär.

Maliýe we salgyt gulluklary, banklar bilen hasaplaşyklar boýunça maliýe hasabatynda görkezilen pul möçberleri olar bilen ylalaşylan we deň bolmaly.

Maliýe hasabatynyň görnüşlerine, salgyt hasaplamalaryna kärhananyň ýolbaşçysy we baş buhgalteri ýa-da ol wezipeleriň boş bolan halatynda, olaryň ornuny tutýan adamlar gol çekýärler.

**Goşundy №1**

| | |
|---|---|
| 200__ nji ýylyň 1-nji ____________ýagdaýyna | **"KÄRHANANYŇ BALANSY"** |

| A K T I W | Setiriň belgisi | Ýylyň başyna | Döwrüň ahyryna |
|---|---|---|---|
| **1** | 2 | 3 | 4 |
| **I. Dolanyşykdan daşarky aktiwler** | | | |
| **Esasy serişdeler:** ilki başdaky gymmaty boýunça* (01, 03).......... | 010 | | |
| köneleni* (02)................................................... | 011 | | |
| galyndy gymmaty (setir 010 – 011) ................ | 012 | | |
| **Maddy däl aktiwler:** ilki başdaky gymmaty boýunça* (04) ............. | 020 | | |
| köneleni* (05)................................................... | 021 | | |
| galyndy gymmaty (setir 020 – 021) ................. | 022 | | |
| Oturdylmaga degişli enjamlar (07) | 030 | | |
| Tamamlanylmadyk düýpli maýa goýumlar (08) | 040 | | |
| Uzak möhletleýin maliýe goýumlary (06) | 050 | | |
| Döredijiler bilen hasaplaşyklar (75) | 060 | | |
| Dolanyşykdan daşary gaýry aktiwler | 070 | | |
| I bölegiň jemi (012, 022, 030 – 070 setirleriň jemi) | **080** | | |
| **II. Dolanşykdaky aktiwler** | | | |
| **2.1. Ätiýaçlyklar we harajatlar** | | | |
| Materiallar (10,15) | 100 | | |
| Ösdürimdäki we bakydaky mallar (11) | 110 | | |
| **Arzan we tiz könelýän zatlar:** ilki başdaky gymmaty boýunça*(12) ................. | 120 | | |
| köneleni* (13) .................................................. | 121 | | |
| galyndy gymmaty (120-121) ........................... | 122 | | |
| Tamamlanylmadyk önümçilik (20,21,23,29,30) | 130 | | |
| Geljek döwürleriň çykdajylary (31) | 140 | | |
| Taýýar önümler (40) | 150 | | |
| Harytlar satyş bahada* (41) ........................................... | 160 | | |
| söwda goşundysy* (42)..................................... | 161 | | |
| satyn alyş bahada (160-161).............................. | 162 | | |
| Galan harytlara degişli dolanyşyk harajatlary (44) | 170 | | |
| **2.1 bölümiň jemi (100,110,122,130-150,162,170 setirleriň jemi)** | **180** | | |
| **2.2 Pul serişdeleri, hasaplaşyklar we gaýry aktiwler** | | | |
| **Bergidarlar bilen hasaplaşyklar:** ýüklenen harytlar, işler we hyzmatlar üçin (45, 62) | 200 | | |
| golçur kärhanalar bilen bilen hasaplaşyklar (78) | 220 | | |
| pudakiçi hasaplaşyklar (79) | 225 | | |
| döwlet gaznalary bilen tölegler boýunça (67-1) | 226 | | |
| döwlet gaznalary bilen beýleki amallar boýunça (67-2) | 227 | | |
| býujet bilen (68) | 230 | | |
| durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça (69) | 235 | | |
| gaýry amallar boýunça işgärler bilen (73) | 240 | | |
| gaýry bergidarlar bilen | 250 | | |
| Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan algylar (77) | 255 | | |
| Haryt iberijilere we potratçylara berlen hakujy (61) | 260 | | |
| Gysga möhletleýin maliýe goýumlary (58) | 270 | | |
| **Pul serişdeleri:** kassada (50) | 280 | | |
| hasaplaşyk hasapda (51) | 290 | | |
| daşary ýurt pullarynyň hasabynda (52) | 300 | | |
| gaýry pul serişdeleri (55,56,57) | 310 | | |
| Gelmeli kärende borçlary (09) | 314 | | |
| Satyn alnan gymmatlyklar boýunça goşulan baha üçin salgyt (19) | 315 | | |
| Gaýry dolanyşyk aktiwleri | 320 | | |
| 2.2 bölümiň jemi (200–320 setirleriň jemi) | **330** | | |
| **II. bölegiň jemi (180+330 setirleriň jemi)** | **340** | | |
| **B A L A N S** **(080,340 setirleriň jemi)** | **360** | | |
| **P A S S I W** | Setiriň belgisi | Ýylyň başyna | Döwrüň ahyryna |

<table>
<tr><th colspan="2">1</th><th>2</th><th>3</th><th>4</th></tr>
<tr><td colspan="2">I. Maýalar we ätiýaçlyklar</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Esaslyk maýa (85)</td><td>400</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Ätiýaçlyk gory (86)</td><td>410</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Ýörite maksatly gaznalar (88)</td><td>420</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Şübheli bergi-borçlaryň ätiýaçlyklary (82)</td><td>421</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Geljekki çykdajylaryň we tölegleriň ätiýaçlyklary (89)</td><td>422</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Geljek döwürleriň girdejileri (83)</td><td>423</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Maksatly maliýeleşdirmeler we gelip gowuşmalar (96)</td><td>430</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Döredijiler bilen hasaplaşyklar (75)</td><td>450</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdasy (87-2)</td><td>460</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Geçen ýyllaryň ýapylmadyk zyýany (87-2) (aýyrmak ( - ) alamaty bilen )</td><td>465</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Hasabat ýylynyň peýdalary* (80)</td><td>470</td><td>x</td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Hasabat ýylynyň peýdalaryndan ulanylany* (81)</td><td>471</td><td>x</td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasy (87-1)</td><td>472</td><td>x</td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Hasabat ýylynyň ýapylmadyk zyýany (87-1) (aýyrmak ( - ) alamaty bilen )</td><td>475</td><td>x</td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">I bölegiň jemi (400-460,472 setirleriň jemi)</td><td>480</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">II. Uzak möhletleýin passiwler</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td rowspan="3">Banklaryň uzak möhletleýin karzlary (92)</td><td>üzlüşilmedigi (92-1)</td><td>500</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlany (92-2)</td><td>505</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>göterimler we hyzmatlar boýunça bergi (92-3)</td><td>506</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td rowspan="3">Uzak möhletleýin gaýry karzlar (95)</td><td>üzlüşilmedigi (95-1)</td><td>510</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlany (95-2)</td><td>515</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>göterimler we hyzmatlar boýunça bergi (95-3)</td><td>516</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Tölenmeli kärende borçlary (97)</td><td>517</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">II bölegiň jemi (500 – 517 setirleriň jemi)</td><td>520</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">III. Hasaplaşyklar we gaýry passiwler (borçnamalar)</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td rowspan="3">Banklaryň gysga möhletleýin karzlary (90)</td><td>üzlüşilmedigi (90)</td><td>600</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlany (90-2)</td><td>605</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>göterimler we hyzmatlar boýunça bergi (90-3)</td><td>606</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Işgärler üçin banklaryň karzlary (93)</td><td>610</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td rowspan="3">Gysga möhletle-ýin gaýry karzlar (94)</td><td>üzlüşilmedigi (94-1)</td><td>620</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlany (94-2)</td><td>625</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>göterimler we hyzmatlar boýunça bergi (94-3)</td><td>626</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Algydarlar bilen hasaplaşyklar:</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">harytlar, işler we hyzmatlar üçin (60)</td><td>630</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">zähmete hak tölegi boýunça (70)</td><td>650</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça (69)</td><td>660</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">emläk we şahsy ätiýaçlandyrmalary boýunça (65)</td><td>670</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">golçur kärhanalar bilen hasaplaşyklar (78)</td><td>680</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">pudakiçi hasaplaşyklar (79)</td><td>685</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">döwlet gaznalara tölegler boýunça (67-1)</td><td>690</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">döwlet gaznalary bilen beýleki amallar boýunça 67-2)</td><td>695</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">býujet bilen (68-1)</td><td>700</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">kliriň boýunça alnan harytlar üçin býujet bilen hasaplaşyklar (68-2)</td><td>705</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">gaýry algydarlar bilen</td><td>710</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan bergiler (77)</td><td>715</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Alyjylardan we iş buýrujylardan alnan hakujy (64)</td><td>720</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">Gaýry gysga möhletleýin passiwler</td><td>760</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">III bölegiň jemi (600-760 setirleriň jemi)</td><td>770</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2">B A L A N S (480,520 we 770 setirleriň jemi)</td><td>780</td><td></td><td></td></tr>
</table>

**Bu setirleriň maglumatlary balansdaky jemlere girmeýärle**

Ýolbaşçy ___________________ /__________________/ Baş buhgalter ____________________

/___________________/

*200___ ýylyň ___________________________ üçin*

*( I çärýegi, ýarym ýyly, 9 aýy, ýyllyk)*

***№ 2-maliýe görnüş***

*DDUK boýunça kody*

| | |
|---|---|
| | |

# *"MALIÝE NETIJELER WE OLARYŇ ULANYLŞY BARADA HASABAT"*

## 1. Maliýe netijeler

| Görkezijiler | Setiriň belgisi | Peýdalar | Zyýanlar |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Önümleri (işleri, hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji) | 010 | | x |
| Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirmeler | 011 | x | |
| Bellenen tertipde ýerlemekden alnan girdejiden aýrylan çykdajylar we geçirmeler | 012 | x | |
| Goşulan baha üçin salgyt | 015 | x | |
| Goşmaça tölegler | 020 | x | |
| Ýerlenilen önümleri (işleri, hyzmatlary) öndürmek üçin harajatlar | 040 | x | |
| Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekligiň netijesi (010 setirden aýyrmaly 011,012 ,015,020 we 040 setirleri) | 050 | | |
| Gaýry ýerlemekligiň netijeleri | 060 | | |
| Ýerlemekden daşary amallar boýunça alnan girdejiler we çykdajylar (071 – 075 setirleriň jemi) | 070 | | |
| Şol sanda: gymmatly kagyzlardan we bilelikdäki kärhanalara şärikli gatnaşmakdan | 071 | | x |
| emlägi kärendesine bermekden alnan girdeji | 072 | | x |
| algy-bergileriň hasapdan öçürilmeginden | 073 | | |
| daşary ýurt pullarynyň hümmetiniň üýtgemeginden | 074 | | |
| gaýry girdejiler we çykdajylar | 075 | | |
| Peýdalaryň we zyýanlaryň jemi (050,060,070 setir.jemi) | 080 | | |
| **Balans boýunça peýda (zyýan) (080 setiriň 3 süt.-4sütüni)** | 090 | | |
| Hasabat döwrüni peýda (3 sütünde) ýa-da zyýan (4 sütünde) bilen jemlän kärhanalaryň sany (jemleýji hasabat üçin) | 091 | | |
| MAGLUMAT ÜÇIN: Haryt dolanyşygy | 100 | | |

## 2. Peýdanyň ulanylyşy

| Görkezijiler | Setiriň belgisi | Hasabat döwrüniň ahyryna |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Býujete tölegler | 200 | |
| Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite hasabyna tölegler | 205 | |
| Ätiýaçlyk gora | 210 | |
| Aşgabat şäher häkimliginiň maksatlaýyn ýörite hasabyna tölegler | 215 | |
| **Kärhananyň ygtyýarynda galýan peýda (set.090-set.200-205-210-215)** | 220 | |
| Bölündi: toplaýyş gaznalara | 230 | |
| sarp ediş gaznalara | 240 | |
| 240-njy setirden: býujete salgytlar we gaýry tölegler boýunça puşmana tölegler we jerimeler | 260 | |

| | | |
|---|---|---|
| banklaryň we gaýry karzlaryň göterimi | 261 | |
| ykdysady jerimeler | 262 | |
| geçen ýyllaryň zyýanyny ýapmaga | 263 | |
| | 264 | |

## *3. Býujete, döwlet gaznalaryna tölegler we ätiýaçlandyrmalar boýunça hasaplaşyklar*

| *Tölegler* | *Setiriň belgisi* | *Ýylyň başyna bergi ** | *Hasap-lanany* | *Töleneni* | *Döwrüň ahyryna bergi ** |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| ***3.1. Býujete tölegler boýunça hasaplaşyklar*** | | | | | |
| *Emläk üçin salgyt* | *300* | | | | |
| *Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt* | *310* | | | | |
| *Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt* | *320* | | | | |
| *Goşulan baha üçin salgyt* | *330* | | | | |
| *Goşmaça töleg* | *340* | | | | |
| *Gümrük paçlary* | *350* | | | | |
| *Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgyt* | *360* | | | | |
| *Gaýry salgytlar* | *365* | | | | |
| *Mahabatlandyrma üçin salgyt* | *370* | | | | |
| *Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym şahsy tarapdan....................................* | *371* | | | | |
| *hukuk taraplardan...............................* | *372* | | | | |
| *Awtoduralagalaryň eýlerinden alynýan ýygym* | *373* | | | | |
| *Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym* | *374* | | | | |
| *Gaýry ýerli ýygymlar* | *375* | | | | |
| Ykdysady jerimeler | *380* | | | | |
| Býujete salgytlar we gaýry tölegler boýunça puşmana tölegler we jerimeler | *385* | | | | |
| Kliriň hasaplaşyklary boýunça | *390* | | | | |
| *Býujete tölegler boýunça jemi (300-390 setirleriň jemi)* | *400* | | | | |
| ***3.2. Durmuş we ätiýaçlandyrmalar boýunça hasaplaşyklar*** | | | | | |
| *Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler* | *410* | | | | |
| *Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy* | *420* | | | | |
| *Meýletin medisina ätiýaçlandyrmasy* | *430* | | | | |
| | *440* | | | | |
| *410-440 setirleriň jemi* | *450* | | | | |
| ***3.3. Döwlet gaznalary bilen hasaplaşyklar*** | | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite hasabyna tölegler | *460* | | | | |
| Aşgabat şäher häkimliginiň maksatlaýyn ýörite hasabyna tölegler | *470* | | | | |
| | *480* | | | | |
| 460-480 setirleriň jemi | *490* | | | | |

* Artyk tölenen serişdeler aýyrmak (-) alamaty bilen görkezilýär

Ýolbaşçy ________________________ (__________________)
(goly) (F.A.A.)

Baş buhgalter _________________________ (___________________)
(goly) (F.A.A.)

*200___ ýylyň _________________________ üçin* ***№ 4- maliýe***

***görnüş DDUK*** *(I çärýegi, ýarym ýyly, 9 aýy, ýyllyk)*

## PUL SERIŞDELERIŇ HEREKETI BARADA HASABAT

| Görkezijiler | Setiriň belgisi | Geçen ýylda | Hasabat döwründe |
|---|---|---|---|
| **Esasy hojalyk işleri boýunça pul serişdeleriň hereketi** | **010** | X | X |
| Harytlary, önümleri, işleri we hyzmatlary ýerlemekden gelen pul serişdeler | 011 | | |
| Harytlary, önümçilik gereklerini satyn almaga, işlere we hyzmatlara geçirlen tölegler | 012 | | |
| Zähmede hak tölemek we salgytlar boýunça geçirilen tölegler | 013 | | |
| Esasy hojalyk işleriniň arassa pul serişdeleri (011-012-013) | 014 | | |
| **Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler (maýa goýumlar) boýunça pul serişdeleriň hereketi** | **020** | X | X |
| Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri ýerlemekden gelen pul serişdeler | 021 | | |
| Esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri satyn almak üçin geçirilen pul serişdeler | 022 | | |
| Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň arassa pul serişdeleri (021-022) ýa-da (022-021 (-)) | 023 | | |
| **Gaýry aktiwleri ýerlemek we tölegler boýunça pul serişdeleriň hereketi** | **030** | X | X |
| Gaýry aktiwleri ýerlemekden gelen pul girdejiler | 031 | | |
| Her hili töleglerden gelen pul serişdeler | 032 | | |
| Gaýry töleglere geçirilen pul serişdeleri | 033 | | |
| Gaýry aktiwleri ýerlemegiň we tölegleriň arassa pul serişdeleriň (031+032-033) ýa-da (033-031-032 (-)) | 034 | | |
| **Pul serişdeleriň artmagy (kemelmegi) (014+023+034)** | **040** | | |
| **Özara hasaplaşyklaryň geçirilmegi netijesinde kabul edilen pul serişdeleriň hereketi (051+052):** | **050** | | |
| Pudakiçi hasaplaşyklar boýunça | 051 | | |
| Pudakara hasaplaşyklar boýunça | 052 | | |

Ýolbaşçy______________________ Baş buhgalter__________________

*200___ ýylyň ______________________ üçin*
*( I çärýegi, ýarym ýyly, 9 aýy, ýyllyk)*

***№ 5-maliýe görnüş***

*DDUK boýunça*

## *"KÄRHANANYŇ BALANSYNA GOŞUNDY"*

## I. Hususy serişdeleriniň çeşmeleriniň hereketi

| Çeşmeleriň atlary | Setiriň belgisi | Ýylyň başyna galyndy | Hasabat döwründe | | Döwrüň ahyryna galyndy |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | gireni | çykany | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| ***Toplaýyş gaznasy, hemmesi*** | **010** | | | | |
| Şol sanda:<br>-tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrylmagy, hereket edýän önümçiligi döwrebaplaşdyrmaga we giňeltmäge hem-de täze binalary gurmak boýunça harajatlary maliýeleşdirmek; | 011 | | | | |
| -ylmy-barlag işlerini geçirmek, enjamlary, ölçeg abzallaryny satyn almak | 012 | | | | |
| -paýnamalary, obligasiýalary we gaýry gymmatly kagyzlary çykarmak we ýaýratmaga çykdajylar | 013 | | | | |
| -esasy serişdelere gaýtadan baha kesmek gory | 014 | | | | |
| -muzdsuz alnan emläkler | 015 | | | | |
| -ýokarda durýan guramalaryň maýa goýum gory | 016 | | | | |
| -bergileri hasapdan öçürmekden | 017 | | | | |
| -beýlekiler | 018 | | | | |
| **Sarp ediş gaznasy, hemmesi** | **020** | | | | |
| Şol sanda: | | | | | |
| -ýokarda durýan dolandyryş edaralaryny saklamak üçin geçirmeler | 021 | | | | |
| -býujete gaýry tölegler | 022 | | | | |
| -gündelik baýraklar | 023 | | | | |
| -ýylyň iş netijeleri boýunça sylaglar | 024 | | | | |
| -maddy kömek | 025 | | | | |
| -durmuşy çykdajylar (şypahanalara we dynç alyş öýlerine, çagalar edaralaryna ýollamanamalary satyn almak we başgalar) | 026 | | | | |
| - gaýrylar | 027 | | | | |
| **Býujet serişdelerinden maksatlaýyn maliýeleşdirmeler - jemi** | **030** | | | | |
| Şol sanda: düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmeler | 031 | | | | |
| ylmy-barlag işleri maliýeleşdirmeler | 032 | | | | |
| zyýanlaryň öwezini dolmaklyk | 033 | | | | |
| önümçiligi ösdürmeklik | 034 | | | | |
| Durmuş taýdan ösdürmeklik | 035 | | | | |
| gaýry maksatlar | 036 | | | | |
| **Döwlet gaznalardan, gaýry guramalardan we adamlardan maksatlaýyn maliýeleşdirmeler we gelip gowuşmalar –jemi** | **040** | | | | |
| Şol sanda: düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmeler | 041 | | | | |
| ylmy-barlag işleri maliýeleşdirmeler | 042 | | | | |
| zyýanlaryň öwezini dolmaklyk | 043 | | | | |
| önümçiligi ösdürmeklik | 044 | | | | |
| Durmuş taýdan ösdürmeklik | 045 | | | | |
| gaýry maksatlar | 046 | | | | |
| **MAGLUMAT ÜÇIN**: Esaslyk maýa (85) | 050 | | | | |
| Ätiýaçlyk gory (86) | 060 | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Paýlanmadyk peýda (87) | 070 | | | | |
| *Kärende borçlary (97)* | 080 | | | | |
| *Döredijiler bilen hasaplaşyklar (75)* | 090 | | | | |

## 2. Karz serişdeleriň hereketi

| *Görkezijiler* | *Setiriň belgisi* | *Ýylyň başyna galyndy* | *Hasabat döwründe* | | *Döwrüň ahyryna galyndy* |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | *alnany* | *gaýtarlany* | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| **Uzak möhletleýin karzlar** | | | | | |
| **Banklaryň uzak möhletleýin karzlary** (92-1)............... | 210 | | | | |
| Şol sanda: möhletinde üzlüşilmedigi …… | 211 | | | | |
| **Uzak möhletleýin gaýry karzlar** (95-1)........................ | 220 | | | | |
| Şol sanda: möhletinde üzlüşilmedigi …… | 221 | | | | |
| **Gysga möhletleýin karzlar** | | | | | |
| **Banklaryň gysga möhletleýin karzlary** (90-1)............. | 230 | | | | |
| Şol sanda: möhletinde üzlüşilmedigi ….... | 231 | | | | |
| **Gysga möhletleýin gaýry karzlar** (94-1)....................... | 240 | | | | |
| Şol sanda: möhletinde üzlüşilmedigi……. | 241 | | | | |
| ***Işgärler üçin banklaryň karzlary***................................. | 250 | | | | |
| *Şol sanda: möhletinde üzlüşilmedigi…....* | 251 | | | | |
| ***Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan:*** | | | | | |
| *uzak möhletleýin bank karzlary (92-2)......................* | 260 | | | | |
| *uzak möhletleýin gaýry karzlar (95-2).......................* | 261 | | | | |
| *gysga möhletleýin bank karzlary (90-2).....* | 262 | | | | |
| *gysga möhletleýin gaýry karzlar (94-2)......* | 266 | | | | |
| ***Karzlara hasaplanan göterimler we hyzmatlar:*** | | | | | |
| *uzak möhletleýin bank karzlara (92-3).......................* | 270 | | | | |
| *uzak möhletleýin gaýry karzlara (95-3).......................* | 271 | | | | |
| *gysga möhletleýin bank karzlara (90-3)............* | 272 | | | | |
| *gysga möhletleýin gaýry karzlara (94-3)............* | 273 | | | | |

## *3. Hasabat döwrüniň ahyryndaky maddy däl aktiwleriň düzümi*

| *Maddy däl aktiwleriň görnüşleri* | *Setiriň belgisi* | *Pul möçberi* |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| *Oýlap tapyşlara we şoňa meňzeş gaýry önümçilik, ylym, edebiýat* | | |

| | | |
|---|---|---|
| *hem-de sungat barada işe degişli awtorlyk we gaýry hukuklaryň aňyýet (intellektual) eýeçiligi* | *310* | |
| *Tebigy gorlardan peýdalanmaga hukuk* | *320* | |
| *Guramaçylyk çykdajylary* | *330* | |
| *Beýlekiler* | *340* | |
| ***Jemi:*** ***(310-340 setirleriň jemi)*** | ***350*** | |

## *4. Bar bolan esasy serişdeleriň düzümi*

| *Görkezijiler* | *Setiriň belgisi* | *Ýylyň başyna galyndy* | *Hasabat döwründe** | | *Döwrüň ahyryna galyndy* | *6-sütünden galyndy gymmaty* |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | *geleni (işe girizileni)* | *çykany* | | |
| *1* | *2* | *3* | *4* | *5* | *6* | *7* |
| ***1. Esasy serişdeler*** | | | | | | |
| *Jaýlar* | *400* | | | | | |
| *Desgalar* | *401* | | | | | |
| *Geçiriji gurallar* | *402* | | | | | |
| *Maşynlar we enjamlar* | *403* | | | | | |
| *Ulag serişdeleri* | *404* | | | | | |
| *Enjamlar, hojalyk we önümçilik abzallary* | *405* | | | | | |
| *Işçi mallar* | *406* | | | | | |
| *Önümli mallar* | *407* | | | | | |
| *Köp ýyllyk agaçlar* | *408* | | | | | |
| *Esasy serişdeleriň gaýry görnüşleri* | *409* | | | | | |
| ***Jemi (400-409 setirleriň jemi)*** | ***410*** | | | | | |
| *Şol sanda: önümçilige degişlisi* | *411* | | | | | |
| *önümçilige degişli däli* | *412* | | | | | |
| ***2. Düýpli maýa goýumlar*** | *420* | | | | | *x* |

* *4 we 5 sütünlerde hojalykiçi üýtgemeler bilen bagly hereketler görkezilmeýär*

## *Maglumat üçin*

| *Görkezijiler* | *Setiriň belgisi* | *Hakyky pul möçberi* |
|---|---|---|
| *1* | *2* | *3* |
| *510 setiriň 6-njy sütüninden -kärendesine berilen esasy serişdeler* | *430* | |
| *Kärendesine alnan esasy serişdeleriň gymmaty* | *440* | |
| *520 setiriň 4-nji sütüninde: - kärhananyň öz serişdesi* | *450* | |
| *- bank karzlary* | *460* | |
| *- gaýry karz serişdeler* | *470* | |
| *- býujet serişdeleri* | *480* | |
| *- býujetden daşary gaznalaryň serişdesi* | *490* | |
| | | |

| | | |
|---|---|---|
| *Ortaça gymmaty: - önümçilige degişli esasy serişdeler* | *495* | |
| *- maddy däl aktiwler* | *496* | |
| *- maddy dolanyşyk serişdeleri* | *497* | |

## 5. Maliýe goýumlary

| *Maliýe goýumlaryň görnüşleri* | *Setiriň belgisi* | *Uzak möhletleýin* | | *Gysga möhletleýin* | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | *ýylyň başyna* | *döwrüň ahyryna* | *ýylyň başyna* | *döwrüň ahyryna* |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| *Başga kärhanalaryň paýnamalary we paýlary* | *510* | | | | |
| *Obligasiýalar we gaýry gymmatly kagyzlar* | *520* | | | | |
| *Berlen karzlar* | *530* | | | | |
| *Beýlekiler* | *540* | | | | |
| ***Jemi*** *(510 –540 setirleriň jemi )* | *541* | | | | |

## 6. Sarp edişe gönükdirilen serişdeler

| *Görkezijiler* | *Setiriň belgisi* | *Pul möçberi* |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| *Işgärleriň ortaça sany (adam sany)* | *650* | |
| *Sarp edişe gönükdirilen serişdeleriň hemmesi* | *660* | |
| *Şol sanda:*<br>*zähmet haky tölemäge çykdajylar* | *661* | |
| *höweslendirmeler we pul tölegleri* | *662* | |
| *kärhananyň emlägine goýumlara we paýnamalara girdejiler* | *663* | |

## 7. Daşary ýurt pullarynyň hereketi

| *Görkezijiler* | *Setiriň belgisi* | *Pul möçberi, ABŞ müň dollarynda* |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| ***Ýylyň başynda galyndy*** | ***710*** | |
| *Şol sanda karzlary gaýtarmak üçin depozit hasapda* | *711* | |
| ***Gireni -hemmesi*** | ***720*** | |
| *Şol sanda:*<br>*önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden* | *721* | |
| *alnan karzlar* | *722* | |
| *gaýry gelen pullar* | *723* | |
| ***Jemi ulanylany*** | ***730*** | |
| *şol sanda:*<br>*önümçilige (dolanyşyga) sarp edilen çykdajylar* | *731* | |
| *önümçiligi ösdürmegiň çykdajylary* | *732* | |
| *göterimleri goşmak bilen karz bergiler boýunça töleg* | *733* | |
| *kärhananyň işine gatnaşyjylara tölegler* | *734* | |
| *Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna* | *735* | |

| | | |
|---|---|---|
| *geçirleni* | | |
| *Daşary ýurt pullarynyň bankara biržasyna hökmany satylany* | *736* | |
| *manat üçin satylany* | *737* | |
| *gaýrylar* | *738* | |
| ***Döwrüň ahyrynda galyndy*** | ***740*** | |
| *şondan, karzlary gaýtarmak üçin depozit hasapda* | *750* | |

## *8. Balansdan daşary hasaplarda hasaba alynýan gymmatlyklaryň hereketi barada maglumat*

| *Hasaplaryň ady* | *Hasaplaryň belgisi* | *Setiriň belgisi* | *Ýylyň başyna galyndy* | *Hasabat döwründe* | *Döwrüň ahyryna galyndy* | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | *gireni* | *çykany* | |
| 1 | *2* | *3* | *3* | *4* | *5* | *6* |
| Kärendesine alnan esasy serişdeler | *001* | *801* | | | | |
| Jogapkärçilikli saklamaga alnan haryt-maddy gymmatlyklar | *002* | *802* | | | | |
| Gaýtadan işlemäge alnan materiallar | *003* | *803* | | | | |
| Sataryna kabul edilen harytlar | *004* | *804* | | | | |
| Gurnamak üçin alnan enjamlar | *005* | *805* | | | | |
| Berk hasabatly resmi kagyzlar | *006* | *806* | | | | |
| Tölege ukypsyz bergidaryň bergisiniň zyýanyň hasabyna öçürleni | *007* | *807* | | | | |
| Alnan borçlary we tölegleri üpjün etmek | *008* | *808* | | | | |
| Berlen borçlary we tölegleri üpjün etmek | *009* | *809* | | | | |
| Oturdylan köp ýyllyk agaçlar | *010* | *810* | | | | |

*Ýolbaşçy* ________________

/__________________/

*Kärhananyň möhüri* *( goly )* *(Familiýasy, A. Aa).*

*Baş buhgalter* ________________ /

__________________/

*( goly )* *(Familiýasy, A. Aa).*

*Hasabat barlanyldy:*

______________________ __________________ /

__________/

*( goly )* *( Familiýasy, A. Aa.)*

*Tema №17: «Maliýe hasabatyny düzmekligiň we tassyklamaklygyň tertibi»*

**1. Maliýe hasabatyny düzmekligiň tertibi**
**2. Maliýe hasabatyny tassyklamaklygyň tertibi**

Maliýe hasabaty hasabat ýyly we çärýek üçin düzülýär.

**Hasabat ýyly diýilip-1-nji ýanwrdan başlap, 31-nji dekabryny hem öz içine alýan döwür hasaplanylýar.**

**Çärýeklik hasabaty aralyk döwür bolýar we ol hasabat ýylynyň başyndan başlanyp, artýan jem boýunça düzülýär.**

Hasabat ýylynda ýapylan, guramaçylyk taýdan üýtgedilen, döwlet eýeçiliginden eýeçiligiň beýleki görnüşlerine geçirilen kärhanalar, şol ýylyň maliýe hasabatyny bir kysymly görnüşler boýunça hasabat ýylynyň başyndan kärhananyň ýapylan, guramaçylyk taýdan üýtgedilen wagtyna çenli aralyk üçin berýärler.

Täzeden döredilen kärhanalar (guramalar) üçin birinji hasabat ýyly diýlip:

- onuň döwlet belligine alnan gününden başlap, şol ýylyň 31-nji dekabry boýunça;
- hasabat ýylynyň 1-nji oktýabryndan soň döredilen kärhana (gurama) üçin bolsa döredilen gününden geljek ýylyň 31-nji dekabry aralygyndaky döwür hasaplanylýar. Bu tertip ýapylan kärhanalaryň, olaryň düzüm bölümleriniň binýadynda döredilen, (guramaçylyk taýdan üýtgedilip gurulan) kärhanalara degişli däldir.

Kärhananyň döwlet tarapyndan bellige alynýança geçiren hojalyk amallary baradaky maglumatlary, birinji hasabat ýylynyň maliýe hasabatyna goşulýar.

**Kärhanalar (guramalar) maliýe hasabatlaryny şu aşakdakylara berýärler:**

- Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralaryna;
- döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna;
- döredijilere, gatnaşyjylara ýa-da dörediş resminamalaryna laýyklykda emläk eýelerine;
- hyzmat ediji banklara;
- etraplaryň (welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň BMM) maliýe bölümlerine.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalary maliýe hasabatlaryny, ýokarda agzalan edaralardan başga-da daşary ykdysady işleri düzgünleşdirýän döwlet edaralaryna hem berýärler.

Döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralaryna, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, beýleki peýdalanyjylara maliýe hasabaty Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenilýän tertipde berilýär.

## Maliýe hasabatlarynyň tabşyrylmaly möhletleri:

9-njy tablisa*

| Kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň görnüşleri | Çärýeklik, hasabat döwründen soňky aýyň | Ýyllyk, hasabat ýylyndan soňky ýylyň |
|---|---|---|
| Kärhanalar (daşary ýurt maýa goýumly kärhanalardan başgasy) | 20-sinden gijä galman | 1-nji fewraldan gijä galman |
| Önümçilik birleşikleri, birleşikler | 25-nden gijä galman | 1-nji martdan gijä galman |
| Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar | 25-nden gijä galman | 15-nji martdan gijä galman |
| Ministrlikler we pudak edaralary, olara garaşly kärhanalar we edaralar boýunça jemleýji hasabatlary | Hasabat döwri geçenden soň 35 günden gijä galman | 25-nji martdan gijä galman |

Esasy işi Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän, emma hojalyk we beýleki söwda-dellalçylyk işinden girdeji alýan edaralar, çärýeklik we ýyllyk maliýe hasabatlaryny ýokarda durýan guramasyna we Döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna berýärler.

Maliýe hasabatynyň tabşyrylan güni başga şäherlerde ýerleşýän kärhanalar we edaralar üçin onuň iberlendigi barada poçta kärhanasynyň hatyň bukjasyndaky möhürinde görkezilen gün hasaplanylýar, bir şäherde ýerleşýän kärhanalar, edaralar üçin bolsa, onuň degişli edaralara hakyky tabşyrylan güni hasaplanylýar.

Hasabatyň tabşyrylmaly güni dynç alyş gününe gabat gelen mahaly hasabatyň tabşyrylmaly möhleti dynç alyş gününden soňky birinji iş gününe geçirilýär.

Kärhananyň maliýe hasabatlary şu düzgünnamada göz öňünde tutulan salgylara tabşyrylmazyndan ozal, döredijilik resminamalarynda we beýleki kadalaşdyryjy namalarda bellenilen tertipde seredilýär we tassyklanylýar.

Ministrlikler we pudak edaralary olara garaşly kärhanalar, guramalar boýunça çärýeklik we ýyllyk jemleýji maliýe hasabatlaryny ýokarda bellenilen möhletlerde Türkmenistanyň Maliýe ministrligine, Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň ýanyndaky Merkezi Balans toparyna we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabşyrýarlar.

---

* Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň bir kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi barada düzgünnama, Aşgabat, 2009

**Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň käbir ministrlikler we pudak edaralary üçin, olaryň möçberine seredip, çärýeklik we ýyllyk maliýe hasabatlarynyň tabşyrylmaly möhletlerini, bu barada Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyny habardar etmek bilen:**

- irki möhletlere süýşürmäge;
- 10 güne çenli uzaltmaga hukuklary bardyr.

Ministrlikler we pudak edaralary boýunça maliýe hasabatlarynyň tabşyrylmaly senelerini, her ýyl üçin, bolup geçýän üýtgeşmeleri hasaba almak bilen, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tassyklaýarlar.

Ministrlikler we pudak edaralary maliýe hasabatlarynyň tabşyrylmaly seneleriniň esasynda, umumy bellenilen möhletleriň çäginde, olara garaşly kärhanalar, guramalar boýunça çärýeklik we ýyllyk maliýe hasabatlarynyň berilmeli senelerini tassyklaýarlar we bu barada Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralaryny, döwlet salgyt gullugynyň edaralaryny we hyzmat ediji banklary habardar edýärler.

Maliýe hasabatynyň görnüşlerinde göz öňünde tutulan hemme görkezijiler doldurylýar.

Kärhananyň maliýe hasabatlarynyň setirlerinde we sütünlerinde, şonuň ýaly serişdeleriň we olaryň çeşmeleriniň ýoklugy sebäpli, görkezijileriň doldurylman galan ýagdaýlarynda, şol madda (setire, sütüne) kese çyzyk goýulmalydyr.

Hasabat ýyly üçin düzülýän maliýe hasabatlarynyň maddalary, emläk we maliýe borçnamalaryna geçirilen tükellemäniň netijeleri bilen tassyk bolmalydyr.

Şunlukda ýyllyk hasabat berilmezinden öň, gymmatlyklaryň hakyky barlary bilen buhgalterlik hasaba alnyşynyň arasyndaky, tükellemede ýüze çykarylan aratapawut, hemişelik hereket edýän tükelleýiş toparynyň teklipleri boýunça sazlanylmalydyr.

# EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň kärhanalar hakyndaky kanuny, Aşgabat, 2000 ýylyň Oguz aýy.
2. Türkmenistanyň "Buhgalter hasaba alnyşy hakynda" kanuny, Aşgabat, 2005ý.
3. Türkmenistanyň "Audit işi hakyndaky" kanuny, Aşgabat, 1996 ýylyň Oguz aýy.
4. Инструкция о порядке заполнение форм годового бухгалтерского отчета предприятия, Aşgabat 1994ý.
5. Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alyşy we hasabaty hakynda düzgünnama, Aşgabat, 2005ý.
6. Kärhananyň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alyşynyň hasaplarynyň meýilnamasy. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasary tarapyndan 2000.02.22-ne 13/263 belgi bilen tassyklanan.
7. Annorazow A., Gylyjow Ç. Senagat kärhanalarynda buhgalter hasaby. Aşgabat. 1996ý.
8. Бухгалтерский учет. Минск."Высшая школа" 1999 г.
9. Кирянова З.В. Теория бухгалтерского учета. М. "Финансы и статистика" 2002г.
10. Gurbankulyýew A. Buhgalter hasabyny özgertmegiň meseleleri. Žurnal "Altyn asyryň ykdysadyýeti" 2001 ýylyň Gorkut aýy.
11. Макаров Б.Г. Теория бухгалтерского учета. М. "Финансы и статистика" 1983 г.
12. Кутер М.И. Теория и принципы бухгалтерского учета. М. "Финансы и статистика" 2000 г.
13. Сборник задач по теории бухгалтерского учета. М."Финансы и статистика" 2000г
14. Ýomudow D. Buhgalter hasaby: özgertme meseleleri. Žurnal "Altyn asyryň ykdysadyýeti" 2001 ýylyň Sanjar aýy.
15. Gylyjow Ç.K., Annorazow A.A., Annamanow M.B., Babaýew G.M., Howmaýew G.H. Ýazlyýew M.S. Buhgalter hasaby (I kitap) Aşgabat 2001 ý .